












# Türkmenistan boýunça Ýurt Strategiýasy

## 2019-2024ýý.

2019-njy ýylyň 10-njy iýulynda Ýolbaşçylar Geňeşi tarapynan tassyklandy

European Bank
for Reconstruction and Development

PUBLIC

Bu resminamanyň asyl nusgadaky tekstiniň terjimeleri ÝTÖB-y tarapyndan okyjynyň rahatlygy üçin üpjün edilýär. ÝTÖB-y terjimäniň asyl nusga laýyklykda dogrulygyny üpjün etmek üçin göwnejaý çäreleri gören bolsa-da ÝTÖB-y terjimäniň takyklygyny kepillendirmeýär we onuň şeýledigini tassyklamaýar. Şeýle terjimeleriň islendigine ynanmak okyjynyň öz jogarkärçiligi bolup durýandyr. Hiç bir ýagdaýlarda ne ÝTÖB-y, ne-de onuň işgärleri ýa-da agentleri okyjynyň ýa-da başga biriniň öňünde terjimedäki haýsy hem bolsa bir ýalňyşlyklar, nädogrulyklar, göýberilen zatlar, bozmalar we/ýa-da sebäbine garamazdan terjimäniň mazmunynyň üýtgedilmegi, we onuň netijesinde haýsy hem bolsa bir zyýan üçin jogapkärçilik çekýän däldir. Iňlis dilindäki we terjime edilen görnüşleriniň arasynda çaprazlyk ýa-da deň gelmezlik ýüze çykan ýagdaýynda iňlis dilindäki görnüşi agdaklyk etmelidir.

# Mazmuny we adalgalaryň sözlügi

European Bank
for Reconstruction and Development

## Mazmuny


Gysga mazmuny 3

Türkmenistan – ÝTÖB (Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky) gysgaça syn 4

I. Öňki strategiýanyň ýerine ýetirilişi (2014-2017) 5

Öňki strategiýa döwründe gazanylan esasy netijeler 5

Ýerine ýetirilende esasy ýüze çykan meseleler we öwrenilen dersler 7

II. Ykdysady kontekst 8

Makro-ykdysady kontekst we strategiýa döwrüne umumy garaýyş 8

Geçiş bilen bagly esasy meseleler 9

III. Hökümetiň ileri tutýan ugurlary we gyzyklanýan subýektleriň çekilmegi 11

IV. ÝTÖB -ň Türkmenistan boýunça ýurt strategiýasynda ileri tutulýan meselelerini kesgitlemek 12

V. Işleriň we netijeleriň gurluşy 13

VI. ÝTÖB -ň işleriniň çäklerinde halkara hyzmatdaşlaryň bir-birleriniň üstüni dolduryjylyk häsiýetlerini ýüze çykarmak 15

VII. Ýerine ýetirilişiň dowamynda töwekgelçilikler hem-de ekologiýa we sosial netijeleri 16

VIII. Donorlaryň bilelikdäki maliýeleşdirmesiniň bahalandyrmasy 17

Goşundy 1 – Syýasy nukdaýnazardan bahalandyrmak 18


## Esasy adalgalar sözlügi

| | |
|---|---|
| MÝM | Maýagoýumlaryň Ýyllyk möçberi |
| AÖB | Aziýanyň ösüş banky |
| KTM | Kiçi telekeçilik üçin maslahat |
| GAB | Geçiş alamatlarynyň bahalandyrmasy |
| MASYH | Merkezi aziýa sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk |
| TMB | Türkmenistanyň merkezi banky |
| IÝ | Işleýän ýurtlary |
| COP21 | BMG-ň howanyň üýtgemegi boýunça maslahaty, 2015 ý |
| ÝTÖB | Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky |
| ÝMB | Ýewropanyň maýagoýum banky |
| IGYÝ | Irki geçiş ykdysadyýetli ýurtlar |
| GGN | Geçişden garaşylýan netijeler |
| ÝB | Ýewropa Birleşigi |
| E&S | Ekologik we sosial |
| GDÝM | Gönimel daşary ýurt maýagoýumlary |
| ÝGSAB | Ýerasty baýlyklary gazyp çykarýan senagatlaryň aýdyňlygyny üpjün etmek boýunça başlangyç |
| GGN | Geçişden garaşylýan netijeler |
| GDÝM | Gönimel daşary ýurt maýagoýumlary |
| ME | Maliýe edarasy |
| ÝYME | Ýaşyl (Ekologiýa gönükdirilen) ykdysadyýeti maliýeleşdirýän edara |
| ÝYG | Ýaşyl (Ekologiýa taýdan arassa) ykdysadyýete geçiş |
| GÝPGB | Gaz ýakmaklygy peseltmek boýunça global hyzmatdaşlyk |
| ÝG | Ýyladyşhana gazlary |
| SSA | Senagat, söwda we agrobiznes |
| MAT | Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary |
| HME | Halkara maliýe edaralary |
| MHHS | Maliýe hasabatlylygyň halkara standartlary |
| AIÝ | Aksiýalaryň ilkinji ýerleşdirmesi |
| YÖB | Yslam ösüş banky |
| ÝPB | Ýerli pul birligi |
| B&A | Birleşmeler we şereketleri öz içine almalar |
| Ö&H | Önümçilik we hyzmatlar |
| MKOK | Mikro, kiçi we orta derejeli kärhanalar |
| MKG | Milli derejede kesgitlenen goşantlar |
| IK | Işlemeýän (hereket etmeýän) kreditler |
| ÖRK | Ösüş maksatlary üçin resmi kömek |
| HDH | Hususy sektor bilen döwlet sektoryň hyzmatdaşlygy |
| HME | Hususy maliýe edarasy |
| PGT | Portfolio geçiş täsiri |
| GDE | Gaýtadan dikeldilýän energiýa |
| TPM | Töwekgelçiligi paýlaşdyrma mehanizmi |
| DÖM | Durnukly ösüş maksatlary |
| DEMS | Durnukly energiýany maliýeleşdirmek strategiýasy |
| KOK | Kiçi we orta kärhanalar |
| DK | Döwlet kärhanasy |
| TOPH | Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan turbageçirijisi |
| TH | Tehniki meseleler boýunça hyzmatdaşlyk |
| SÝM | Söwdany ýeňilleşdirmek boýunça maksatnama |
| ÝKZTK | Ýewropa-Kawkaz-Aziýa transport koridory |
| BMGÖM | Birleşen Milletler Guramasynyň ösüş maksatnamasy |

PUBLIC

# Gysga mazmuny

European Bank
for Reconstruction and Development

Türkmenistanyň hökümetiniň Öňki Ýurt Strategiýasyny öz içine alýan döwründe konstitusiýa we kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek ugrunda edýän tagallalaryna garamazdan, Türkmenistanyň Banky döretmek boýunça ylalaşygyň 1-nji maddasyndaky syýasy ýörelgelerini ulanmagy we olara ygrarly bolmagy entäk hem degişli halkara edaralaryň aladalanýan meseleleriniň biri bolmagynda galýar.

Öňki ýurt strategiýasy 2014-nji ýylda tassyklanyldy, şondan bäri Türkmenistanyň hökümeti hem ýurduň hukuk edaralaryny we kanunçylygyny halkara kadalaryna laýyk getirmek üçin iş alyp barýarlar. Olar Birleşen Milletler Guramasy (BMG) we Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) bilen has ysnyşykly işläp başladylar, BMG-nyň ylalaşygyň agzalary bolan organlaryna doly hasabatlar berdiler we raýat jemgyýetiniň wekilleri bilen käbir duşuşyklara gatnaşdylar. Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekiliň bellenilmegi oňaýly ädimleň biri boldy emma onuň täsiri entäk aýdyň däl. Muňa garamazdan, konstitusiýa we beýleki kanunlar entäk hem plýuralizmiň we häkimiýetleriň bölünmegi üçin degişli derejedäki esaslary üpjün etmeýär. Degişli halkara guramalary Türkmenistanda demokratiýa we adam hukuklary üçin hakykat ýüzündäki şertler bilen baglylykda özleriniň aladalanmalaryny entäk hem beýan etmegi dowam edýärler. Olar resmi namalarda beýan edilen ýörelgeleriň we olaryň hakykat ýüzünde ulanylyşynyň arasynda giň tapawut bardygy barada netijä gelýärler, hem-de raýat we syýasy hukuklary, kanunyň hökmürowanlygy we korrupsiýa bilen bagly meseleler dogrusynda aladalanmasyny döredýär.

Soňky ýyllarda ykdysadyýetde gazanylan 6 göterimden hem ýokary ösüşleriň güýçli depginlerine garamazdan ýurdyň ykdysadyýeti köp sanly agyr meselelere duçar bolýar. 2016-2017-nji ýyllarda eksportyň gowşak ösmegi hem-de hökümetiň iri taslamalary, 2018-nji ýylda eksportyň dikeldilmegine garamazdan daşary ýurt pulunyň ýetmezçiligine we daşary ýurt pulunyň merkezi bank tarapyndan normirlenilmegine getirdi. Manadyň hümmetine ep-esli derejede artyk baha berildi, inflasiýa güýçlendi, daşky hem-de fiskal pozisiýalar zor astynda. Ýurdyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyryp biläýjek düzümleýin reformalar ulgamynda ösüşiň çäkliligi we biznes gurşawynyň çylşyrymly bolmagy zerur bolan daşary ýurt maýagoýumlarynyň gelmegini togtatmagy dowam edýär.

Umuman, Türkmenistan entäk hem durnukly bazar ykdysadyýetine geçişiň iň irki tapgyrynda duran, hususy sektoryň işjeňligi güýçli derejede çäklendirilen ÝTÖB-ň zolagynda geçiş döwründe iň köp nogsaňlyklary bar bolan ýurt bolmagyna galýar. Şonuň üçin, 2010-njy ýyldan bäri ÝTÖB -y öz işini diňe hususy sektoryň ösmegine gönükdirdi diýen ýaly we özgerdişlere eýe bolmadyk döwlet sektory bilen işini ep-esli derejede çäklendirdi. Täze strategiýanyň amala aşyrylýan döwründe hem Bank hususy sektoryň janlanmagy we gülläp ösmegi üçin zerur şertleri döretmek maksady bilen ýaş hususy sektora esasy üns bermegini dowam eder, şol sanda inklýuziw ösüşi höweslendirmek üçin bankyň mümkinçilikleri babatynda hüşgärligi saklamagyň üsti bilen. Şeýle-hem bank döwlet sektoryny özgetmek ugrundaky hökümetiň takyk kesgitlenen başlangyçlaryny oýlanyp-ölçerilen we belli bir maksada gönükdirilen görnüşde goldamak boýunça meselä hem garar, elbet-de özgertmeleri durmuşa geçirmekde ygtybarly ygrarlyk üpjün edilen ýagdaýynda. Türkmenistanda energiýanyň we uglerodyň ýokary derejesiniň saklanyp galýandygyny nazara almak bilen, bank ilki bilen durnukly şäher infrastrukturasyna we “ýaşyl (ekologiýanyň arassa saklanylmagyna gönükdirilen)” geçişe üns bermekligi göz öňünde tutýar. Diňe eger bu başlangyç özgertmeleri goldaw tapan ýagdaýynda bank bu işlere has düýpli gatnaşmaklyk meselesine hem garar. Şol wagta çenli, ýurtda hususy sektoryny goldaýan birnäçe halkara subýektleriň biri hökmünde bank BMG-y we Ýewropa Bileleşigi (EB) ýaly beýleki halkara guramalar bilen bilelikde özgertmeleri goldamak üçin ýagdaýy banalandyrmagy we oňa gözegçilik etmegi dowam eder.

Şu nukdaýnazardan, bank 2019-2024 ýyllar aralygynda Türkmenistanda aşakdaky strategik häsiýetdäki Ileri tutulýan meseleleriň tarapdary bolmagy meýilleşdirýär:

- Maýagoýumlaryň hasabyna we oňaýly gurşawyň döredilmegini öňe sürmek arkaly ýaňy döräp gelýän hususy sektoryň bäsdeşlige ukyplylygyny ösdürmek; we
- Durnukly infrastruktura we ýaşyl ykdysadyýete geçişi goldamak üçin deslapky şert hökmünde döwlet sektorynda tapgyrlaýyn bazara esaslanan özgertmeleri goldamak.

# Türkmenistan – ÝTÖB gysgaça syn

European Bank
for Reconstruction and Development

## ÝTÖB -ň Türkmenistandaky maýagoýum işleri [1]

| | | | |
|---|---|---|---|
| Portfolio | €52m | Aktiw taslamalar | 29 |
| Kapitalyň paýdarlar bölegi | 16% | Amallar aktiwleri | €52m |
| Hususy sektor bölegi[1] | 100% | Jemi maýagoýum | €282m |

## MÝM we Amallar




## Portfolio düzümi




## Portfolio ösüş dinamikasy




## Geçiş nogsaňlyklary[2]




## Türkmenistan boýunça statistika maglumat

| | Türkmenistan | Deňeşdirmek üçin ýurtlar |
|---|---|---|
| Ilat (million)[3] | 5.8 | 6.2 (Gyrgyz Res)<br>8.9 (Täjigystan)<br>32.4 (Özbegystan) |
| JIÖ jan başyna (SGP, ABŞ Dol)[3] | 17,993 | 3,726 (Gyrgyz Res)<br>3,180 (Täjigystan)<br>6,865 (Özbegystan) |
| Işsizlik (%)[4] | 3.8 | 7.3 (Gyrgyz Res)<br>10.3 (Täjigystan)<br>7.2 (Özbegystan) |
| Ýaşlaryň arasynda işsizlik (%)[4] | 6.5 | 15.7 (Gyrgyz Res)<br>19.2 (Täjigystan)<br>14.6 (Özbegystan) |
| Aýallaryň iş güýjüne gatnaş. (%)[4] | 41.9 | 49 (Gyrgyz Res)<br>45.4 (Täjigystan)<br>53.8 (Özbegystan) |
| Energiýa kuwwatlylyk (JIEÜ/JIÖ SGP)[5] | 0.3 | 0.2 (Gyrgyz Res)<br>0.1 (Täjigystan)<br>0.2 (Özbegystan) |
| CO2 Howa göýberilme derejesi/JIÖ (kgCO2/2010 ABŞ$)[5] | 1.7 | 1.47 (Gyrgyz Res)<br>0.56 (Täjigystan)<br>1.37 (Özbegystan) |

[1] *2019-njy ýylyň maý aýy boýunça ýagdaýy. Goýumlaryň jemi möçberi: portfolio boýunça 5 ýyllyk durnuksyz esas.*
[2] *ÝTÖB -ň Geçiş barada hasabaty 2018-2019.* [3] *Bütindünýä banky BÖG (2018).* [4] *Halkara zähmet guramasy (2018).* [5] *HEW-ň energiýa atlasy 2016.*

PUBLIC

# 1. Öňki strategiýanyň ýerine ýetirilişi (2014-2017)

## *1.1.* Geçiş prosesiniň esasy netijeleri

European Bank for Reconstruction and Development

### Strategik utgaşdyrma 2014-2017 [1]

**Maýagoýumlaryň ýyllyk möçberi (MÝM)**




**Tehniki kömek we goýum grantlary**




### TS, grantlar we ýeňillikli karzlar (€м) [2]




### **Ileri tutulma** 1: Hususy sektoryň ösmegini goldamak

**KKM müşderileriniň ösüş %**




**Geçiş prosesiniň esasy netijeleri**

Ýurt strategiýasynyň çäginde hereket etmek bilen Bank özüniň tagallalaryny hususy sektoryň ösmegine gönükdirdi, korporatiw sektoryň portfolioda paýy 99% köp, hem-de kiçi kärhanalara we daşary ýurt maýadarlara ykdysadyýetde galmaga ýardam etdi.

- **Bank bergidarlyk maliýeleşdirme görnüşinde kiçi kärhanalara €42.9м berdi**, maliýeleşdirmek gönümel DGG-ň hem-de ýerli araçy banklaryň üsti bilen amala aşyryldy we esasy üns agrobiznese we önümçilige berildi. Maliýe we operasion mümkinçiligini ýokarlandyrmak üçin maslahat beriş hyzmatlary bilen üsti dolduryldy, şol sanda zenan telekeçiler üçin birnäçe maslahatlar geçirildi. Bu karzlar köp däl hem bolsa olar ýurdyň ösüp gelýän hususy sektory üçin örän ähmiýetli, we aşakdaky maksatlara ýetmäge kömek berdi, mysal üçin :
  - ✓ **Täze önümçilikleriň döredilmegi** (m.ü. Türkmen penjire (PWH profilleriň önümçiligi), Toprak (kagyz öndürmekde birinji hususy kärhana);
  - ✓ **Bar bolan amallaryň döwrebaplaşdyrylmagy we giňelmegi,** önümçilik kuwwatlyklaryny we önümiň hilini ýokarlandyrmak üçin maliýeleşdirmek (m.ü. Bazarda lider bolmagy üçin Berk piwo gaýnadylýan zawoda we Täze Aý kärhanasyna et we köke-süýji önümleriniň eksportyny ýola goýmaga kömek); we
  - ✓ **Innowasion tehnologiýalary girizmek,** mysal üçin “Ýager” piwo çykaryjy zawodda $CO_2$ regenerasiýa ulgamynyň ornaşdyrylmagy, bu ulgamyň kömegi bilen önümçiligiň dowamynda döreýän taşlandylary tutup täzeden sirkulýasiýa edip bolýar.
- Merkezi bank bilen töwekgelçilikleri paýlaşmak boýunça täze resminama kabul etmek arkaly **MKOK-ň maliýeleşdirmesini ýokarlandyrmak,** maliýe hasabatlylygyny kämilleşdirmek we kommersiýa banklarynda MKOK maliýeleşdirmek prosedurasyny girizmek (m.ü. Rysgal bankynda MHHS ).

*Strategik ileri tutmalar 2014-2017: 1) Hususy sektoryň ösmegini goldamak; 2) Halkara integrasiýany goldamak; 3) Geljekki özgertmeler üçin esas goýmak.*

2. *TS boýunça 2012-2015 ý üçin maglumatlar, 2016 ýylyň mart aýynyň ahyry ýagdaýy boýunça borçnamalara esaslanan (maglumatlaryň [illegible] gaznasyna geçirilmezinden öň iň soňky maglumatlar). TS boýunça 2016-2017 ý. üçin maglumatlar taslamanyň derejesinde maksatlaýyn belliklere esaslanan.*

PUBLIC

# 1. Öňki strategiýanyň ýerine ýetirilişi (2014-2017)

European Bank
for Reconstruction and Development

## *1.1.* Geçiş prosesiniň esasy netijeleri

### Ileri tutulýan mesele 2: Halkara integrasiýany goldamak

**MASYH transport koridorlary**




**Esasy geçiş netijeleri**

- Ýerasty baýlyklary gazyp çykarýan senagatdan daşary örän pes Gönimel daşary ýurt maýa goýumlary bilen häsiýetlendirilen gurşawda **bu ileri tutulýan mesele boýunça alnyp barylan işler örän pes derejede**, daşary ýurt pul rezerwlerine zor salynma dowam edýär we infrastruktura döwlet tarapyndan yzygiderli dolandyrylýar.
- **Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnamanyň çäkli ulanylandygyna garamazdan serhetara söwda we maýagoýumlaryň integrasiýasy güýçlendi :**
  - ✓ Germaniýadan iýmit goşundylaryny satyn almak üçin Rysgal TB-y (ýurtda ýeketäk hususy bank) bilen sebitleýin Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnamanyň çäginde **iki sany şertnama gol çekildi**; şeýle-de bolsa onuň has giňişleýin ulanylmagy daşary ýurt puluna bolan çäklendirmeleriň aradan aýyrylmagyny talap etmegi mümkin; we
  - ✓ Özüniň önümçilik prosesini ýokarlandyryp hem-de ýaýradyş ulgamlaryny kämilleşdirip biler ýaly **Ýerasty baýlyklary gazyp çykarýan senagatyň daşynda iş alyp barýan we seýrek duş gelýän daşary ýurt maýadarlarynyň birine** (Turkmenistan Coca-Cola Bottlers) maliýe goldawy üpjün edildi.
- **Sebitleýin transport infrastrukturasynda** amatly mümkinçilikleriň ýoklugynda bank aşakdaky meseleleri öňe sürmek ugrunda mümkinçilikleriň gözleginde boldy:
  - ✓ Merkezi aziýa sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk (MASYH) taslamasynyň transport koridorlary ýa-da ÝB-ň Ýewropa-Kawkaz-Aziýa transport koridory maksatnamalaryna, şol sanda potensial demir ýol taslamalaryna baglylykda halkara **transport infrastrukturasyna has giňişleýin integrasiýa**; we
  - ✓ **Hususy sektoryň infrastruktura taslamalaryna**, mysal üçin goşmaça şertnamalary baglanşmak, açyk satyn almalary üpjün etmek we tebigaty gorap saklamak boýunça talaplary berjaý etmek arkaly demir ýol (otlyny düzýän wagonlaryň), sebitleýin awtobus liniýalar we beýleki deňiz-derýä (gämi we portlar) **gatnaşmagyny ýokarlandyrmak**; emma welin, bu mowzuk barada ara alyp maslahatlaşmalar şu güne çenli anyk netijeler bermedi

### Ileri tutulýan mesele 3: Geljekki özgertmeler üçin esas döretmek

**Esasy geçiş netijeleri**

- **Energiýa we şäher ulgamy sektorlarynda** uly mukdarly maýagoýumlar bu strategiýada göz öňünde tutulmadyk hem bolsa, bank bu ulgamlarda **özgertmeleri öňe sürmek**, şeýle hem iri möçberli bazar reformalary ugrunda edilen anyk deslapky ädimlere seslenme hökmünde 2016-njy ýylyň aprel aýynda Ýolbaşçylar Geňeşiniň tassyklanan strategiýasyndaky **iki sany kadadan çykmalar esasynda potensial maýagoýumlary derňemek** üçin mümkinçiliklere garamagy dowam etdi :
  - ✓ Şäher ulgamynda ýuwaş-ýuwaşdan harajatlary ödemek boýunça netijeleri gazanmak üçin gyzyklanmalara laýyklykda (sektory özgertmek boýunça Türkmen milli konsultatiw geňeşiniň maslahatlaryna we bankyň seljermelerine laýyklykda) BMGÖM-y bilen üç taraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäginde suw/lagym suw ulgamlarynda **MEI** (Munisipal daşky gurşaw infrastruktura) **potensial taslamalar barada ara alyp maslahatlaşmalar häzirki wagtda dowam edýär**; we
  - ✓ Pariž COP21 maslahatynda Hökümetiň 2030-njy ýyla çenli gazy ýakmaklygy pese düşürmek boýunça borçnamasyna we Bütündünýä banky tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän "Ýyladyşhana gazlarynyň howa goýberilmegini pese düşürmek boýunça global başlangyçlaryna" laýyklykda **gazylyp alnyňan ulgamda energiýa netijelilik çözgütleriniň kabul edilmegine ýardam edildi.**
- Býujetiň aýdyňlygy we döwletiň maliýe dolandyrmasy boýunça Gazylyp alnyňan senagatlaryň aýdyňlygy baradaky başlangyçlarynyň berjaý edilmegine ýardam etmek maksady bilen hyzmatdaş Halkara maliýe edaralarynyň beren goldawyna garamazdan **nebitden we gazdan düşýän girdejiniň we ony dolandyrmagyň aýdyňlygyny ýokarlandyrmakda öňe gidişlik çäkli.**

# 1. Öňki strategiýanyň ýerine ýetirilişi (2014-2017)

## 1.2. Ýerine ýetirilende esasy ýüze çykan meseleler we öwrenilen dersler

European Bank
for Reconstruction and Development

**Ýerine ýetirmek üçin konteksti**; 2010-njy ýyldan bäri ÝTÖB -y öz işini esasan-da hususy sektoryň ösmegine gönükdirip we şol bir wagtyň özünde döwlet sektory bilen bilelikdäki hereketlerini çäklendirip gelýär . Makro-ykdysady gurşawynyň ýaramazlaşmagy netijesinde dörän agyr iş şertlerine we daşary ýurt pul serişdeleriniň ýetmezçiliginiň ýokarlanmagyna garamazdan bank käbir ugurlarda, esasan hem Kiçi we orta kärhanalary we ýerli şereketleri goldamakda gowy netijeleri gazanmagy başardy. Emma beýleki ugurlarda, şol sanda Geňeşiň tassyklan şäher sektorynda we gazyň ýakylmagyny pese düşürmek boýunça potensial taslamalary öwrenmek maksady bolan iki sany kadadan çykmalarda öňe gidişlik örän çäkli boldy. Häzirki gurşaw sebäpli döreýän çäklendirmeleri göz öňünde tutup, bank hususy sektora üns bermegini dowam eder. Muňa garamazdan, ol döwlet sektoryny özgertmek ugrundaky hökümetiň takyk kesgitlenen, anyk başlangyçlaryny oýlanyp-ölçerilen we belli bir maksada gönükdirilen görnüşde goldamak boýunça meselä hem garar, elbet-de eger özgertmeleri durmuşa geçirmekde ygtybarly ygrarlyk görkezilen ýagdaýynda. Umuman Türkmenistan geçişiň has irki tapgyrynda bolmagyna galýar, we ýurtda hususy sektoryny goldaýan birnäçe halkara subýektleriň biri hökmünde ÝTÖB -y maslahatlaryň üsti bilen özgertmeleriň tizleşdirilmeginde rol oýnamak üçin täze mümkinçilikleri gözlemegi hem-de ösüşleri bahalandyrmagy we gözegçilik etmegi dowam eder.

### Ýerine ýetirilende esasy ýüze çykan meseleler

- Döwletiň ýkdysadyýete we serişdeleriň kontrol edilmegine giňden gatyşmagy, şol sanda bank sektorynyň takmynan monopoliýasynyň bolmagy agyr hatalara getirýär (mysal üçin, belli bir maksada gönükdirilen karz pul berme, subsidirlenen karzlar)
- Nebitiň we gazyň bahalarynyň pese düşmegi sebäpli daşary ýurt pulunyň ýetmezçiligi bilen bagly töwekgelçilik ýokarlandy we köp kärhanalar üçin durnukly walýutanyň elýeterliligi çäklendirildi
- Mikro, kiçi we orta derejeli kärhanalar üçin karz-kredit liniýalar göwrümi sebäpli ýerli banklar üçin özüne çekiji bolmaýar, we TMB-y bilen has göwrümli obýekt babatynda ylalaşyk baglanyşmak boýunça tagallalar şu güne çenli şowly bolmady. Esasan hem daşary ýurt pulunyň çäklendirilmegi sebäpli Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnama liniýalary hem çäkli ulanylýar
- Durnuksyz biznes gurşawy, kanunçylykda ýetmezçilikler, aýdyňlygyň we ynamdar maglumatyň ýetmezçiligi, hem-de daşary ýurt pulunyň çäkli bolmagy daşky söwdany we goýumlaryň çekilmegini togtadyp gelýär
- Özgertmeleri girizmek ugrunda islegiň ýeterliksiz bolmagy ýardam etmek üçin öňki tagallalary bökdedi, emma gazyň eksportynyň pese düşmegi täze mümkinçilikleri açyp bilerdi

### Öwrenilen dersler we indiki ädimler

- Gelejegi bar bolan kiçi we orta kärhanalara hem-de korporasiýalara uzak möhletleýin maliýe we maslahat beriş hyzmatlaryny üpjün etmegi dowam edip serişdeleri entäk ýaş hususy sektora paýlaşdyrmaklyga üns bermeli, bu işde daşary ýurt pul ýetmezçiligi bilen bagly töwekgelçiligi pese düşürmek üçin eksport potensialy bar bolan kärhanalara artykmaçlyk bermeli
- MKOK üçin karz-kredit obýektini döretmek boýunça ylalaşygyň baglanyşylmagynyň maliýe sektorynyň bölekleýin özgerdilmegini talap etjekdigini göz öňünde tutup, bank ulgamynyň has giňişleýin kommersializasiýa edilmegini we daşary ýurt puly režiminiň gowşadylmagyny öňe sürmekligi dowam etmeli, çünki bu ýagdaý söwdanyň we maýagoýumlaryň ösmegine ýardam eder
- Dolandyrmany kämilleşdirmek, institutlary döretmek we telekeçilik gurşawyny kämilledirmek ugrundaky goşmaça tagallalar oňaýly bolmalydyr
- Möhüm özgertmelere degişli bolan ugurlary we ÝTÖB-ň prosesi başlamak hem-de şertliligi ulanmak üçin taýýar ugurlaryny saýlamak maksady bilen Döwlet sektorynyň maýagoýumlaryny ugrukdyrmak arkaly ygrarlygyny we strategiýa gatnaşygyny barlamak
- Mümkin bolan ýerde BMGÖM-y (şol sanda DÖM-ň berjaý edilmegine ýardam bermek üçin) we ÝB ýaly ynamly hyzmatdaşlar bilen birleşmek
- Eger başky tagallalar güýç alyp başlasa has düýpli özara baglanşyk mümkinçiligini göz öňünde tutmaly, esasan hem pozitiw deň derejede ýaýrama täsiri bolan ugurlarda (mysal üçin, ekologiýa ýagdaýynyň abatlaşmagy, sebitleýin aragatnaşyk)

# 2. Ykdysady kontekst

European Bank
for Reconstruction and Development

## 2.1 . Makro-ykdysady kontekst we strategiýa döwrüne umumy garaýyş

Türkmenistan: Esasy makroykdysady görkezijiler

| | 2015 | 2016 | 2017 | 2018E |
|---|---|---|---|---|
| JIÖ ösüşi (% ýyl bn deňeş-de) | 6.5 | 6.2 | 6.5 | 6.2 |
| SEBG inflýasiýasy (% ortç.) | 7.4 | 3.6 | 8.0 | 13.6 |
| Hökümet balansy (JIÖ %) | -0.7 | -1.3 | -2.8 | 0.6 |
| Häzirki hasabat balansy (JIÖ %) | -14.0 | -21.0 | -11.5 | 3.1 |
| Arassa DÝM (JIÖ %) | 8.5 | 6.2 | 5.5 | n.a. |
| Daşky bergi (JIÖ %) | 21.8 | 23.1 | 25.1 | 25.9 |
| Jemi ätiýaçlyk gorlar (JIÖ %) | na | na | na | na |
| Umumy hökümet jemi bergi (JIÖ %) | 21.8 | 24.1 | 28.8 | 29.3 |
| Işsizlik (% eop) | 3.8 | 3.8 | 3.7 | 3.8 |
| Nominal JIÖ ($bn) | 35.8 | 36.2 | 37.9 | 44.1 |

- **Soňky ýyllarda ykdysadyýetde 6 göterimden ýokary gazanylan ösüşleriň güýçli depginlerine garamazdan ýurdyň ykdysadyýeti köp sanly agyr kynçylyklara duçar bolýar.** 2018-nji ýylda eksportyň dikelmegine garamazdan, 2016-17-nji ýyllarda eksportyň gowşak ösmegi we hökümetiň iri taslamalary daşary ýurt pulunyň ýetmezçiligine we daşary ýurt pulunyň merkezi bank tarapyndan normirlenilmegine getirdi. Hökümet bu ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin täze gaz ugurlaryny gurýar, eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrýar we import edilýän önümiň ýerini tutýan önümleri öndürýär. Emma energoserişdeleriň bahasynyň üýtgäp durmagyna garşy durnuklylyk pes derejede bolmagyna galýar.
- **Daşky we fiskal pozisiýalar zor astynda.** Gazyň Russiýa eksport edilmeginiň togtadylmagy we Eýran bilen gaz meselesinde jedelli ýagdaýyň ýüze çykmagy 2016-njy ýylda Hytaýyň şu wagta çenli ýeketäk iri gaz satyn alyjy hökmünde galmagyna getirdi. 2019-njy ýylyň aprel aýynda gazyň Russiýa eksportynyň dikeldilendigi barada habar berildi. Soňky iki ýylyň içinde güýçli pese düşmeden soň 2018-nji ýylda eksportyň umumy möçberi takmynan 44 göterim ýokarlandy emma bu görkeziji 2015-nji ýylyň görkezijisinden pes. Býujetden daşary serişdeleriň hasabyna edilen ýokary çykdajylar soňky iki ýylyň içinde döwletiň maliýe ýagdaýyny gowşatdy
- **Agyr ykdysady kynçylyklary hasaba alman bolmaz.** Sarp edijiler üçin bahalar birden ýokary galdy we manadyň hümmeti ep-esli derejede artdyryldy. 2019-njy ýylyň iýun aýyndaky ýagdaýyna ser salsak, 1 Amerikan dollarynyň paralel bazardaky bahasy 18.5 manada ýetdi we resmi bahasy bolsa 3,5 manatda bolmagyna galdy. Resmi kursyň ýiti dewalwasiýasy potensial düzetmäni mümkin etdi.
- Resmi maglumatlara görä, eger daşarky bazarlarda gaza bolan isleg oňaýly bolmagyna galsa JIÖ-ň hakyky ösüşi **2019-njy ýylda 6.3%-e we 2020-nji ýylda 6.0%-e barabar bolar diýlip çak edilýär.** Üç ýyllyk arakesmeden soň Russiýa gazyň eksportynyň täzeden dikeldilmegi ösüşiň mümkinçiliklerini sagdynlaşdyrar diýlip garaşylýar. Beýle bolsa-da, fiskal çäklendirmeler, ileri tutulýan taslamalar üçin bolaýmasa daşary ýurt pulunyň elýeterliligiň çäkli bolmagy, agyr telekeçilik gurşawy we GDÝM akymynyň çäkli bolmagy sebäpli gysga wagtyň dowamynda ösüş çäkli bolmagyna galar. Ynamdar maglumatlary almagyň kyndygy sebäpli çaklamak töwekgelçiligi hem ýokary.

*Çeşme: HPG, BB, HZG*
**Resmi statistika maglumatlaryna görä*

# 2. Ykdysady kontekst

## *2.2 . Geçiş bilen bagly esasy meseleler*

European Bank
for Reconstruction and Development

### Bäsdeşlige ukyply (2.79)

- **ÝTÖB-ň iş alyp barýan ýurtlarynyň arasynda Türkmenistan iň pes bäsdeşlige ukyply ýurt bolmagyna galýar.** Ýurtda köp tebigy serişdeleriň bardygyna garamazdan ol köp sanly düzümleýin kynçylyklara duçar bolýar, şol sanda telekeçilik gurşawynyň pes hilliligi, çäkli maliýe sektory we KOK-ň çäkli roly
- **Ykdysadyýetiň dinamikasy üçin esasy elementler boýunça bäsdeşlerinden yza galýar** (mysal üçin internetiň elýeterliligi). Beýleki käbir ýurtlaryňka garanyňda Türkmenistanyň söwda we ulag infrastrukturasy has kämilleşen, emma şonda-da ösen ýurtlaryňkydan has yza galan.
- **Degişli derejede ýokary zähmet önümçiligi ýerasty baýlyklary gazyp çykarýan senagat tarapyndan şertlendirilýär**, beýleki sektorlar az derejede bäsdeşige ukyply
- **Ykdysadyýetiň kompleksliliK derejesiniň pesligi** Türkmenistana halkara bazarlarda bäsdeşmek üçin örän az ugurlary goýýar [1].

### Gowy dolandyrylýan (2.25)

- Ykdysady çözgütler kabul edilende döwletiň **gatnaşmaklygy güýçli derejede bolýar** we agdaklyk edýär. Döwlet sektoryň mümkinçilikleri hem pes derejede, bu bolsa düzgünleşdirme hiline we netijeliligine has hem zyýan ýetirýär.
- **Maglumatlaryň gowşak derejede elýeterliligi içki we daşky bahalandyrmany hem-de çözgüt kabul etmäni kynlaşdyrýar.** Bellemeli zadyň biri hem Bütündünýä bankyň "Telekeçilik işini alyp barmak" baradaky hasabatynda hem-de Bütündünýä ykdysady forumyň "Bäsdeşige ukyplylyk" baradaky hasabatynda Türkmenistan barada aýdylmaýar.
- **Dolandyryşda özbaşdaklygyň ýoklugy, hökümet maksatnamalaryna tabynlygy** sebäpli hat-da hususy kompaniýalarda hem şeýle ýagdaýyň saklanyp galýandygy, korporatiw dolandyryşa päsgel berýär.
- Aýdynlygyň ýoklugy, girdejileriň pes derejede dolandyrylmagy we düzgünleşdirme hiliniň pes bolmagy sebäpli **Türkmenistan, Tebigy serişdelerini dolandyrmak boýunça Institutyň serişdeleri dolandyrmagyň görkezijisinde 89 sany ornuň 88-njisini eýeleýär**

### Ýaşyl (3.80)

- **Energiýa önümçiliginde tebigy gazyň we nebitiň önümçiligi agdaklyk edýär.** Günden we ýelden energiýa öndürmek mümkinçiligi ýokary emma bu ugur doly derejede işlenilmedik. Energiýa netijeliligi we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmesi babatynda kanunçylyk esaslary ýok.
- **Suwuň ýetmezçiligi örän çynlakaý mesele, sebäbi ýurduň territoriýasynyň 80 %-ni çöl tutýar.** Jemi alynýan suwuň 94%-i suwaryş maksatlary üçin ulanylýar (Merkezi Aziýadaky ortaça 69% bilen deňeşdirilende). Suwaryş desgalary bolsa talaba laýyk däl we könelişen ýagdaýda.
- **Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň täsirine garşy durmakda örän gowşak ýagdaýda.** Howanyň gyzyş derejesi tutuş dünýä boýunça ortaça alanyňda Türkmenistanda has ýokary. Milli strategiýalarda şu meseleleriň käbirleriniň agzalyp geçilýändigine garamazdan belli bir anyk işlenilen "ýol (edilmeli işleriň) kartasy" we maýagoýum strategiýasy ýok.










[1] Ykdysadyýetiň kompleksliliK derejesi ýurdyň öndüren bäsdeşige ukyply önümleriniň düregeýligini şöhlelendirýär
*Çeşme:* https://atlas.media.mit.edu/en/rankings/country/eci/?year_range=2011-2016, Tebigy serişdelerini dolandyrmak boýunça Instituty, *IEA 2015*

PUBLIC

# 2. Ykdysady kontekst

## 2.2 . Geçiş bilen bagly esasy meseleler

European Bank
for Reconstruction and Development

### Inklýuziw (5.56)

- **BMG-nyň hasaplamasyna görä 2015-nji ýylda Türkmenistanda ilatyň 49% diýen ýaly 25 ýaşdan aşakdady**, bu bolsa ýokary hilli bilim, täze iş ýerleri bilen üpjün etmeklige üns bermegiň möhümdigini görkezýär.
- **Türkmenistanda jynsy kemsidilmä garşy kanunlaryň we strategiýalaryň bardygyna garamazdan olaryň** hakykat ýüzünde berjaý edilmeýänligi, iş üpjünçilik meselesinde aýallaryň we erkekleriň arasynda tapawudyň bolmagyna getirýär. aýal-gyzlaryň gatnaşmaklygyna päsgeçilik döredýär. Aýallaryň iş güýjine gatnaşygy 41.9 % **barabar.**
- Ýaşlar üçin iş ýerlerinde hünärmeçilik bilimini almak we okamak mümkinçilikleri ýaňy döräp gelýär. Başarnyklaryň bahalandyrylmagynyň we hil üpjünçilik ulgamyny girizmegiň bir bölegi hökmünde sertifikasiýalaşdyrmak usulynyň işlenip taýýarlanylmagy ugrunda iş alnyp barylýar.




### Durumly (3.17)

- **Çig mal önümleriň bahalarynyň üýtgäp durmagyna Türkmenistanyň baglylygy örän güýçli**, sebäbi gazyň we nebitiň eksporty Türkmenistanyň tutuş eksport möçberiniň 80 %-ni we JIÖ-ň üçden bir bölegini düzýär.
- **Bank ulgamynyň töwekgelçilikleri hem gowy duýulýar.** 2017-nji ýylyň ahyrynda manat kreditleriň depozitlere bolan gatnaşygy 159% barabar boldy. 2018-nji ýylyň ýanwar aýyndaky ýagdaý boýunça 4,3% deň möhleti geçen kreditler düşürilen bolmagy ähtimal.
- **Energiýa infrastrukturasy könelişen ýagdaýda we netijesiz, köp ýitgili.** Ýaňy-ýakyna çenli elektrik energiýanyň, ýylylygyň we gazyň sarp edijilere mugt üpjün edilmegi, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak we gaýtadan dikeldilýän energiýa üçin maýagoýumlara päsgeçilik döretdi.
- **Türkmenistanyň energiýa kuwwatlylygy ýokary.** 2002-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň energiýa kuwwatlylygy 52.9% peseldi. Muňa garamazdan, ol 0.3 toe (nebit hasaplamada şertli ýangyç tonnasy) / PPP(satyn alyjylyk güýjiň pariteti) esasynda JIÖ ABŞ Dollary bir müňe 2010 bolanda-da ol 2016-nji ýylda ÝÖTB-ň işleýän ýurtlarynyň arasynda entäk hem iň ýokary derejededi.




### Integrirlenen (4.39)

- **Türkmenistanyň ýokary söwda paýy bar we Gönimel daşary ýurt maýagoýumlarynyň JIÖ-e bolan gatnaşygy** (uglewodorod serişdeleri sektorynda jemlenen) ÝHÖG (Ykdysady hyzmatdaşlyk we Ösüş guramasynyň) ortaçasy bilen deňeşdirilen, **emma portfolio güýjemesi institusional gowşaklyklar sebäpli ep-esli derejede pes.**
- **Türkmenistan ÝÖTB-ň ýokary transport infrastruktura zerurlyklary bar bolan ýurtlarynyň arasyna girýär.** Iri şäherleriň transport infrastrukturasy ösen ýurtlaryň infrastrukturasy bilen deň derejede, emma ykdysady merkezlerden daş ýerlerde şeýle infrastrukturalaryň hili pes**.**
- **Halkara logistika pes derejede bolmagyna galýar,** bu ýagdaý gümrük we serhet gözegçilikleriniň netijesizdigini, söwdanyň we ulag infrastrukturasynyň hilini we bäsdeşlige ukyply bahalar boýunça getirmeleri gurnamakda kynçylyklary şöhlelendirilýär**.**



# 3. Hökümetiň ileri tutýan ugurlary we gyzyklanýan subýektleriň çekilmegi

European Bank
for Reconstruction and Development

## 3.1. Hökümetiň ileri tutýän özgertmeleri

**2010-njy ýylda tassyklanan Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň** esasy maksady durnukly ykdysady ösüşi gazanmak, şol sanda ykdysadyýetiň diwersifikasiýa edilmegi arkaly, infrastrukturany kämilleşdirmek we hususy sektoryň roluny ýokarlandyrmak; sebitleýin ösüşi we integrasiýany pugtalandyrmak; we ilatyň ýaşaýyş şertlerini has hem ösdürmek bolup durýar. 2015-2016 ýyllarda hökümet resmi derejede **BMG-ň DÖM-ny** ýurduň Milli maksatnamasyna girizdi, şunuň bilen baglylykda Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň we Statistika baradaky Döwlet komitetiniň ýolbaşçylyk etmeginde olaryň ýerine ýetirilişini gözegçilik etmek üçin iş topary döredildi.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy orta möhletli strategiýalaryň üsti bilen durmuşa geçirilýär, şeýle strategiýalaryň iň soňkysy **Prezidentiň durmuş-ykdysady ösüş maksatnamasy (2018-2024), onda aşakdaky strategik ileri tutulmalar beýan edilýär :**

- **Ilatyň ýaşaýyş derejesini, durmuş syýasatyny we adam kapitalynyň ösüşini ýokarlandyrmak:** mysal üçin, zähmet resurslaryny we ilatyň sosial goraglylygyny kämilleşdirmek, zähmet haklaryny köpeltmek, saglygy goraýyşy, bilimi, ýaşaýyş jaý-kommunal hojalygyny ösdürmek, ylmyň, sportyň we syýahatçylygyň ösmegine ýardam bermek;
- **Ykdysady sektorlaryň balansirlenen we joşgunly ösüşini üpjün etmek we munda esasy ünsi import edilýän harytlaryň ýerini tutýan önümçilige we hususy sektoryň (esasan hem KOK) höweslendirilmegine bermeli:** şol sanda nebit we gaz, elektrik energiýa, nebit himiýa, ýeňil senagat, derman senagaty, gurluşyk, oba hojalyk, ulag, aragatnaşyk we hyzmatlar;
- **Tebigy serişdeleriň tygşytly ulanylmagyny we daşky gurşawyň goragyny üpjün etmek arkaly howanyň üýtgemegi bilen bagly meseläni çözmek**, maksatlaýyn maliýeleşdirmek we agrobiznes ulgamyna maýagoýumlary çekmek arkaly azyk howpsuzlygyny üpjün etmek; we
- Syýahatçylygy, magdan gazyp alyjy senagaty we nebit çykaryjy ulgamlaryny ýerli hususy maýadarlar üçin açmak hem-de aýratyn ykdysady zolaklary döretmek arkaly **welaýatlaryň roluny we gatnaşmaklygyny pugtalandyrmak.**

## 3.2. ÝTÖB -ň Ygtyýarly edaralar bilen ylalaşylan özgertme zolaklary

- Bazar ykdysadyýetiniň ösüşiniň **esasy hereketlendirijisi hökmünde hususy sektoryň ösmegine** üns bermegi dowam etmek
- **KOK-ň we gelejegi bar bolan korporasiýalaryň ösdürilmegi**, şol sanda sebitlerde we eksport bazarlaryny nazara almak bilen
- Gaz, benzin, tok we suw üçin mugt komunal hyzmatlaryň bes edilmegi baradaky ýakynda kabul edilen çözgüde esaslanyp säher hojalygy pudagynda **tarifleriň özgerdilmegi we mümkinçilikleriň ýokarlandyrylmagy**
- Mümkin bolan ýerlerinde, pudaklaryň arasynda **döwlete degişli kärhanalaryň bölekleýin kommersializasiýalaşdyrylmagyby** we/ýa-da döwlete degişli aktiwleriň hususylaşdyrylmagyny goldamak.

## 3.3. Raýat jemgyýetçiliginden ÝTÖB üçin esasy habarlar

- Adam hukuklarynyň resmi derejede goragyny berkidýän käbir hukuk namalarynyň üýtgedilmegine garamazdan RJG-y şular babatynda aladalanmalaryny beýan edýär: demokratiýanyň, ýgtyýarlyklaryň bölünmeginiň we hukugyň hökmürowanlygynyň (mysal üçin, prezidentiň ygtyýarlyklaryny berkiden 2016-2017-nji ýyllarda konstitusiýa üýtgedilmeleriň girizilmegi) umumy ýaramazlaşdyrylmagy; raýat we syýasy hukuklarynyň, hereket etmek we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň azatlyklarynyň yzygiderli bozulmagy; pagta ýygymynda mejbury zähmet çekdirmek; gender deňligi; we yzygiderli korrupsiýa.
- Aýratyn aladalanmalar syýasy sebäpler boýunça tussaghanada tussag edilenler, olaryň tussag astynda saklanyş şertleri we zorlukly ýitirim bolmalar babatynda bildirildi.
- RJG-y raýat jemgyýetçiligi üçin şertler babatynda hem çynlakaý aladalanmalaryny bildirdiler (hökmany döwlet hasaba alynmagy, hasaba alynmadyk birleşmeler üçin administratiw jerimeler, ýygnanmak erkinliginiň çäklendirilmegi hem-de garaşsyz žurnalistleriň we aktiwistleriň yzarlanmagy)
- Käbir RJG-y özgertmeleriň öňe gidişini/yza galyşyny yzarlamak üçin kriteriýleriň we şertleriň ulanylmagynyň tarapdary hem-de bankdan garaşsyz we nebit-gaz pudagyna islendik maýa goýumlary üçin mümkinçilikleriň aradan aýyrmagyny soraýarlar (şol sanda hususy tebigy gaz infrastrukturasy).

# 4. ÝTÖB -ň Türkmenistan üçin ýurt strategiýasynda ileri tutulýan meselelerini kesgitlemek

European Bank
for Reconstruction and Development

## Mayagoýumlaryň üsti bilen ýaňy döräp gelýän hususy sektoryň bäsdeşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak

### Näme üýtgedilmeli? *(Bölüm 2)*

- Hususy sektoryň işi örän çakli bolmagyna galýar
- Döwletiň giňden gatyşmaklygy we serişdeleri kontrol etmegi (ýer, infrastruktura, daşary ýurt puly)
- Daşary ýurt puly güýçli derejede çäklendirilen
- Telekeçilik gurşawy gowşak, üstesine-de düzgünleşdiriji kadalar kesgitlenilmedik, maglumatlar ynamdar däl we döwlet giňden, yzygiderli gatyşýar
- Gazyp agtaryşdan daşary çäkli Gönimel daşary ýurt maýagoýumlary
- Ykdysadýýetiň gazyň bahasynyň üýtgemek täsirine baglylygy güýçli
- Gazyp agtaryş sektordan başga sektorlarda zähmet önümçiligi pes derejede hem-de gender üzňeligi ýokary derejede

### Ony üýtgedip bolarmy? *(Bölüm 3)*

- Hökümetiň KOK-a goldaw bermäge we telekeçiligi öňe sürmäge gyzyklanmasy
- KOK-na zynjyr boýunça karz bermek mehanizmini öwrenmek we bank ulgamyny özgertmek üçin gün tertibini öňe sürmek boýunça tagallalar edilýär, emma şu güne çenli bu ugurda öňe gidişlik örän çäkli
- Daşary ýurt pul çäklendirmeleri, TSTB-ň ähmiýetli roly gysga wagtyň içinde üýtgejege meňzemeýär
- Hususylaşdyrmak üçin mümkinçilikler çäkli, esasan-da energetika sektorynda
- Hökümetiň erkin ykdysady zolaklaryny döretmekde gyzyklanmasy söwdany ösdürip we ykdysadýýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga ýardam edip bilerdi

### Bank näme edip biler? *(Bölüm 4)*

- Mümkinçilikleri we dolandyrmany kämilleşdirmek üçin KOK-ra maliýe we maslahat bermekligi üpjün edýän uzak wagtlaýyn tejribe
- ÝTÖB-ň sebit boýunça KOK-a goldaw bermek üçin netijeli gurallary, şol sanda kredit liniýalary bar
- ÝTÖB- ň gelejegi bar bolan girdejili edaralara ösmäge we pul maýalaryny goramaga kömek bermek üçin gowy mümkinçilikleri bar
- ÝTÖB-ň Gönimel daşary ýurt maýagoýumlaryň we daşary ýurtlardan beýleki maýagoýumlaryň çekilmegini ýeňilleşdirmäge, şol sanda Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnamanyň üsti bilen ýardam etmäge mümkinçiligi bar
- ÝTÖB-y maýagoýum gurşawynda özgertmeleri öňe sürmäge ýardam berip bilýar

### Strategik ileri tutulmalar (2019-2024)

Maýagoýumlaryň üsti bilen ýaňy döräp gelýän hususy sektoryň bäsdeşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we oňaýly şertleriň döredilmegini öňe sürmek

### 2024-nji ýylda biz aşakdakylary göresimiz gelýär

- Has güýçliräk KOK-r we olaryň ykdysadyýetde has ýokarlandyrylan roly
- Ösüş we gymmatyny ýokarlandyrmak üçin hususy sektoryň şereketleriniň potensialyny pugtalandyrmak
- Söwda we maýagoýum akymlarynyň köpeldilmegi
- Kämilleşdirilen telekeçilik gurşawy

## Durnukly ingrastrukturany we ýaşyl ykdysadyýete geçişi goldamak

### Näme üýtgedilmeli?

- Şäher infrastrukturasyny kämilleşdirmeli, esasan hem Aşgabadyň çäginden daşyndaky ýerlerde
- Käbir transport segmentleri kämilleşýär (mysal üçin howa we deňiz), emma ýetmezçilikler entäk hem bar, şol sanda maddy däl infrastrukturada (gümrük we logistika)
- Köne energiýa infrastrukturasyny täzeden dikeltmek zerur
- ÝTÖB-ň hereket edýän zolagynda energiýa we uglewodorod derejesi iň ýokary, howanyň üýtgemegine durnuksyzlygy ýokary derejede (suw ýetmezçilik derejesi ýokary)
- Energiýa netijeliligi we energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri babatynda kanunçylyk esaslary ýok
- Milli derejede kesgitlenen goşantlar gowşak we onda Ýyladyşhana gazlarynyň goýberilişiniň pese düşýändigini görkezýän maksatlaýyn görkeziji ýok
- Maglumat beriji we aragatnaşyk tehnologiýasynyň baglanşygy gowşak derejede, esasan hem döwletiň gözegçiliginde

### Ony üýtgedip bolarmy?

- Hökümet jemagat sektorynda edilen harajatlaryň kem-kemden öwezini dolmagyň zerurlygyny tassyklaýar, elektrik energiýa, gaz we suw üçin ýeňillikler 2017-nji ýylda gutarýar, emma baha signallary örän gowşak bolmagyna galýar
- Sebitleýin transport koridorlaryny (MASYH, Ýewropa-Kawkaz-Aziýa transport koridory) giňeltmek üçin köp taraplaýyn başlangyçlar bar
- Hökümetiň Hytaýdan daşary gazyň eksporty üçin täze ugurlaryny ösdürmek meýili bar, mysal üçin TOPH
- Elektrik energiýa we gaz ulgamlarynda energiýa ýitgilerini azaltmak we ugurdaş gazyň ýakylmagyny togtatmak hem-de durnuksyz taşlandylaryny azaltmagyň hasabyna CO2 ep-esli derejede pese düşürmek mümkinçiligi bar
- COP21 maslahatyna laýyklykda 2030-njy ýyla çenli gazy ýakmaklygy ýok etmek boýunça borçnama bar

### Bank näme edip biler?

- Hökümetiň özgertmeleri durmuşa geçirmek üçin ygrarly bolmagy esasynda ÝTÖB-y durnukly we netijeli şäher infrastrukturasyny döretmekde ýardam edip biler
- Netijeliligi, kommersializasiýany we hususy sektoryň gatnaşmaklygyny güýçlendirmek üçin şeýle maýagoýumlary syýasy jogapkärçilik bilen birikdirýän özüniň ynamdarlygyny görkezýän delil
- Hemmetaraplaýyn özgertmeleri gysga möhletiň içinde durmuşa geçirip bolmajakdygyna garamazdan, kem-kemden ösüşi aýratyn taslamalaryň üsti bilen gazanyp bolar, şeýle taslamalar öz gezeginde has giňişleýin özgertmeleriň döremegine iterer
- Halkara maliýe edarasynyň hyzmatdaşlary bilen sebitleýin transport we energiýa taslamalarynda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin potensial bar
- Gaz ýakmaklygy we durnuksyz taşlandylaryň möçberini pese düşürmekde ÝTÖB-ň tejribesi

### Strategik ileri tutulmalar (2019-2024)

Durnukly ingrastrukturany we ýaşyl (ekologiýa taýdan arassa) ykdysadýýete geçişi goldamak üçin başlangyç şert hökmünde döwlet sektorynda tapgyrlaýyn bazar özgertmelerini öňe sürmek

### 2024-nji ýylda biz aşakdakylary göresimiz gelýär

- Şäher infrastrukturasynyň hilini we hyzmat üpjün edişini kämilleşdirmek
- Energiýanyň we serişdeleriň netijeliligini kämilleşdirmek we howanyň üýtgemegine durnuksyzlygy pese düşürmek
- Daşky gurşawyň goragyny pugtalandyrmak

PUBLIC

# 5. Işleriň we netijeleriň gurluşy

European Bank
for Reconstruction and Development

*Ileri tutulýan mesele 1: Maýagoýumlaryň üsti bilen ýaňy döräp gelýän hususy sektoryň bäsdeşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we oňaýly şertleriň döredilmegini öňe sürmek*

| Maksatlar (Netijeler) | Işler (Ahyrky netijesi) | Görkezijiler |
|---|---|---|
| Maliýe serişdelerine elýeterliligi giňeltmek arkaly KOK-ň ykdysadyýetde roluny güýçlendirmek<br><br>Ösüş we gymmatyny ýokarlandyrmak üçin hususy sektoryň şereketleriniň potensialyny pugtalandyrmak | • KOK-a we beýleki gelejegi bar bolan korporasiýalara gönümel maliýe serişdelerini üpjün etmek, esasan hem önümçilik we hyzmat üpjün ediş ulgamynda, agrobiznes we logistika sektorlarynda, şol sanda zenanlar tarapyndan dolandyrylýan telekeçilik işlerine we hyzmat ediliş derejesi ýaramaz ýerlerde ýerleşýän telekeçilik işlerine. Bu işde mümkinçilikleri ýokarlandyrmak, işiň netijeliligini ýokarlandyrmak we/ýa-da energiýanyň we serişdeleleriň netijeliligini kämilleşdirmek boýunça ýa-da iş ýerinde saglygy we howpsuzlygy goramak boýunça maslahatlar we goldaw bermek<br>• Mikro, kiçi we orta derejeli kärhanalaryň kredit liniýalarynyň, şol sanda mümkin bolsa döwlet tarapyndan dolandyrylýan banklaryň üsti bilen hususy kärhanalara aralyk maliýe serişdelerini üpjün etmek, şol bir wagtyň özünde hyzmatdaş banklaryň kredit mümkinçiligini kämilleşdirmek üçin tehniki maslahat goldawyny bermek<br>• Kapital bazarynyň infrastrukturasyny ösdürmek üçin tehniki maslahat kömegini bermek (ilki bilen Aşgabat Gazna Biržasy) | • Önümçiligiň ýa-da haryt dolanşygynyň ýokarlanandygy barada hasabat berýän müşderileriň sany<br>• Hyzmatdaş banklar tarapyndan MKOK-a berlen sub-kreditleriň umumy sany/göwrümi |
| Söwda we maýagoýum akymlaryň köpelmegi | • Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnamalaryň üsti bilen serhetara söwdanyň ösmegini goldamak we serhetara maýagoýumlarynyň hereketini goldamak üçin mümkinçiliklere garamak<br>• Gowy hilli, şol sanda hususy nebit we gaz sektoryndan gelýän Gönimel daşary ýurt maýa goýumlaryny goldamak (mysal üçin baha zynjyryny pugtalandyrmak we başarnyklary öwretmegi tizleşdirmek üçin), elbetde şeýle maýagoýumlar Bankyň energiýa pudagyndaky strategiýasyna we ekologiýa kepilliklerine laýyk gelmeli, hem-de taslamadan gelýän girdeji akymlary Türkmenistanyň ätiýaçlyk walýuta gaznasyna düzmez ýaly goramak şerti bilen | • Söwdany höweslendirmek boýunça maksatnamanyň çäginde Bankyň goldaýan geleşikleriniň umumy sany/möçberi<br>• Bankyň goldaýan taslamalary tarapyndan öňe sürülýän Gönimel daşary ýurt maýagoýumlarynyň umumy möçberi |
| Kämilleşdirilen telekeçilik gurşawy | • Dolandyrmany we telekeçilik şertlerini pugtalandyrmak üçin usullary goldamak (mysal üçin, sebitdäki kärhanalaryň derňewini ösdürmegi goldamak, maglumatlaryň aýdyňlygyny öňe sürmek ýa-da erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegini goldamak arkaly), we mümkinçilik bar bolan ýerlerde institutlary gurmak tagallalaryna ýardam bermek | • Telekeçilik gurşawyny kämilleşdirmek üçin gönükdirilen hukuk, institusional we kadalaşdyryjy üýtgedilmeler |

**Netijeliliginiň görkezijisi :** Ykdysadyýetiň kompleksilik görkezijisi (ýurt derejesi boýunça) (Harvard CID)

PUBLIC

# 5. Işleriň we netijeleriň gurluşy

European Bank
for Reconstruction and Development

***Ileri tutulýan mesele 2: Durnukly infrastrukturany we ýaşyl (ekologiýa taýdan arassa) ykdysadyýete geçişi goldamak üçin başlangyç şert hökmünde döwlet sektorynda tapgyrlaýyn bazar özgertmelerini öňe sürmek***

| Maksatlar (Netijeler) | Işler (Ahyrky netijesi) | Görkezijiler |
|---|---|---|
| Şäher infrastrukturasynyň hili we hyzmat üpjün edijiligi kämilleşdirilen | • Tapgyrlaýyn häsiýetde bolup biljegine garamazdan Ynamdar we möhüm özgertmelere ygrarly bolmak şerti bilen, saýlanan taslamalara maliýe goldawy göz öňünde tutmak:<br>• Şäher infrastruktura hyzmatlarynyň hilini we durnuklylygyny kämilleşdirmek, esasy ünsi suwa şol sanda suwaryş ulgamlaryna bermeli; we<br>• Gaýtadan dikeldilýän energiýany, esasan hem ýel we gün energiýa çeşmesini ösdürmek üçin ýardam bermek, degişli kanunçylyk binýadyny goldamak,<br>Ýagdaýlaryň hersinde tehniki maslahat kömegini bermek bilen söwda çözgütlerini öňe sürmek, korporatiw dolandyrmany kämilleşdirmek, hususy sektoryň gatnaşmaklygyny girizmek, hukuk, kadalaşdyryjy we tarif özgertmelerini öňe sürmek<br>• Ýokarda agzalan meseleler boýunça göze ilip duran ösüş gazanylan ýagdaýynda, her bir aýratyn ýagdaýda güýçli sebitleýin baglanyşyk kompotentli (mysal üçin MASYH korridoryna goşulan) beýleki sektorlarda (mysal üçin, transport, energiýa) taslama saýlamagy göz öňünde tutup bolar, ygtybarly özgertmek şerliligini üpjün etmek bilen | • Şäher infrastruktura elýeterliligini giňeltmek we hilini gowulandyrmak<br>• Hukuk, kadalaşdyryjy we institusional üýtgemeler (mysal üçin, tarif özgertmesi) we/ýa-da prosesiň kämilleşdirilmegi |
| Energiýanyň we serişdeleriň netijeliligini kämilleşdirmek we howanyň üýtgemegine durnuksyzlygy pese düşürmek<br><br>Daşky gurşawyň goragyny pugtalandyrmak | • Howanyň üýtgemeginiň täsirini peseltmek we uýgunlaşdyrmak üçin çärelerine (mysal üçin binalarda energiýany ulanmagyň netijeliligi, merkezleşdirilen birleşdirilen ýyladyş we sowadyş taslamalary) ýardam bermek maksady bilen maýagoýumlary we oňa degişli strategiýalary öňe sürmek)<br>• Gaz Ýakmaklygy Peseltmek boýunça Global Hyzmatdaşlygyna laýyklykda degişli nebit gazyň ýakylmagyny we durnuksyz taşlandylaryň taşlanylmagyny peseltmek üçin gönükdirilen maýagoýumlary we maslahatlary öňe sürmekligi dowam etmek, taslamadan gelýän girdeji akymlarynyň Türkmenistanyň ätiýaçlyk walýuta gaznasyna düzmezligini üpjün etmek üçin goramak şerti bilen<br>• Nebit we gaz sektorynda daşky gurşawa täsirini gowşatmak boýunça hyzmatlary goldamak | • Jemi azaldylan/sowulan CO2 (ton/ýyl)<br>• Jemi tygşytlanan energiýa (GJ/ýyl) |

**Netijeliliginiň görkezijisi :** Ugleroduň konsentrasiýasy (CO2/GDP) (IEA)

# 6. ÝTÖB -ň iş zolaklarynda halkara hyzmatdaşlaryň bir-birleriniň üstüni dolduryjylyk häsiýetlerini ýüze çykarmak

European Bank
for Reconstruction and Development

| ÝTÖB-ň iş zolaklary | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Sektorlar | | | | | | | | | | | | | | Umumy mowzuklar | | | | | | |
| | | Korporatiw | | | | Energiýa | | Infrastruktura | | | | Maliýe | | | | | Ýaşyl ykdysadyýet | | | Goşma | | |
| Çak edilýän ortaça ýyllyk maýagoýum / grantlar (2014-2017, € million, bujetiň goldawyny öz içine almaýar)[1] | | Oba hojalyk biznes | Umumy senagat | Gozgalmaýan emläk | MAT | Tebigy serişdeler | Elektrik tok | Suw we lagym suw | Şäher transport | Ýollar | Demir ýollar | Bank ulgamy | Ätiýaçlyk we beýleki maliýe ed | MKOK maliýe | Hususy maýagoýum | Kapital bazarlar | Suw tygşytlylygy | Materiallaryň netijeliligi | Durnukly energiýa | Gender | Ýaşlar | Sebit |
| YÖB | 207 | | | | ○ € | ○ € | | | | | | | | | | | | | | | | |
| AÖB | 175 | | | | | ○ €P | ○ €P | | | | ○ €P | | | ○ €P | | | | | | | | ○ €P |
| BMGÖM | 16 | | | | ○ P | | | ○ P | ○ P | | | | | | | | ○ P | | ○ P | | ○ P | |
| ÝB | 3 | | | | | | | | | | | | | | | | | | ○ P | | ◐ €P | ◐ €P |
| HHÝB | N/A | | | | | ○ € | | | | | | | | | | | | | | | | |
| USAID | N/A | ● P | ● P | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| BB | 0.8 | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
| *ÝTÖB* | 15.5 | ● € | ● € | | | | | ◐ €P | | | | | | ● €P | | | ◐ €P | | ◐ €P | ● €P | | ● €P |

€ Ähmiýetli maýagoýum zolaklary; P Ähmiýetli syýasy dialog zolaklary; ● Esasy üns hususy sektora bermeli; ○ Esasy üns döwlet sektoryna bermeli

## Geljekki hyzmatdaşlyk üçin ugurlar

### Ýaşyl

- Ynamdar hyzmatdaş hökmünde BMGÖM-y bilen MEI taslamalaryny bilelikde maliýeleşdirmekligi ýlalaşmak we/ýa-da sektora degişli özgertmeleri goldamak

### Integrirlenen

- Aziýanyň ösüş banky bilen transport we/ýa-da energiýa infrastruktura taslamalaryny (demir ýol ýa-da elektrik energiýa ulgamlary) bilelikde maliýeleşdirmek üçin mümkinçilikleri ulanmak.

1. Bellik: Umumy elýeterli maglumatlaryň esasynda HMI-ň işiniň şöhlelendirmesi. HMI-ň ep-esli maýagoýumlary 2014-2017 ýyllar aralygynda gol çekilen 5% ýokary geçýän taslamalar hökmünde kesgitlenilýär

PUBLIC

# 7. Ýerine ýetirilişiň dowamynda töwekgelçilikler hem-de ekologiýa we sosial netijeleri

European Bank
for Reconstruction and Development

| Strategiýanyň ýerine ýetirilmeginde töwekgelçilikler | Ähtimallyk | Täsir |
|---|---|---|
| **Döwletiň ykdysadyýete yzygiderli gatyşmagy** hususy sektoryň taslamalaryny togtadyp, telekeçiligi gowşadyp biler, esasan hem ýola goýlan gazylyp alynýan sektoryň çäginden daşary | Ýokary | Ýokary |
| **Bank ulgamynda söwda bilen bagly tejribeleriň ýoklugy**, şol sanda döwlet tarapyndan gönükdirilýän we güýçli derejede subsidiýa kredit bermeklik tejribesiniň ýoklugy Bankyň aralyk MKOK-y (Mikro, kiçi we orta derejeli kärhanalar) maliýeleşdirmek mümkinçiligini we oňa bolan talapy çäklendirmegi dowam edip biler | Ýokary | Ýokary |
| **Eger çig mal harytlarynyň bahasy pese düşmegini dowam etse daşary ýurt pullarynyň elýeterliliginiň kyn bolmagy** we daşary ýurt pullarynyň durnuksyzlygy kompaniýanyň maliýe hasabatlylygyna ýaramaz täsir edip biler, çykdajynyň öwezini dolmagy kynlaşdyrar hem-de bank geleşiklerini çäklendirer | Ýokary | Ýokary |
| **Telekeçilik gurşawynyň gowşak bolmagy** we özgertmeleri ornaşdyrmak meýiliniň ýeterliksiz bolmagy maýagoýumlaryň akymlaryny togtadyp biler (we şol akymlaryň döredip biljek daşary ýurt pulunyň we başarnyklarynyň geçirilmegini) | Ýokary | Aram |
| **Syýasy özgertmelerde öňe gidişligiň pes bolmagy, aýdyňlyk we dolandyryş bilen bagly mesleleriň** bolmagy maýa goýum işine ýaramaz täsir edip biler. | Ýokary | Ýokary |
| **Maglumatyň elýeterliligi we olaryň hili** pes derejede bolmagyna galýar, bu bolsa taslamalary gözegçilik etmek we bahalandyrmak üçin goşmaça serişdeleriň bolmagyny talap edýär hem-de garaşsyz goldawa mätäç taslamalaryň ýerine ýetiriliş tizligine ýaramaz täsir edip biler | Ýokary | Ýokary |
| **Energogöterijileriň bahasynyň ýokarlanmagy** energiýa netijeliligi ýokarlandyrmak, sektory özgertmek we girdejileriň aýdyň bolmagyny üpjün etmek ugryndaky eýýämden gowşak netijeli başlangyçlaryna ýaramaz täsir eder | Aram | Aram |

Ýokary | Aram | Pes

## Ekologiýa we sosial netijelerini

- **Ekologiýa we sosial netijelerini bahalandyrmak we dolandyrmak, Işe gatnaşýan taraplar bilen özara hereket etmek:** Taslamalaryň gönümel, gytaklaýyn hem-de umumy netijelerine dogry baha bermek we olaryň täsiriniň pese düşürilmegini üpjün etmek, Ekologiýa we sosial netijelerini bahalandyrmagyň we dolandyrmagyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek üçin müşderi bilen işleşmek. Bank müşderiniň CSR (Korporatiw Sosial Jogapkärçiligi) we gyzyklanýan tarap bilen özara hereket etmek boýunça bilimini we tejribesini kämilleşdirmegiň üstünde işlär
- **Iş şertlerini we zähmet şertlerini goramak:** ýagny, birleşmek erkinligi we üpjünçilik zynjyr töwekgelçilikleri, içerki migrantlaryň zähmeti we iş ýerinde kemsitmek ýaly meseleleriň çözülmegi hem-de deň hukukly mümkinçilikleri öňe sürmek ýaly müşderiniň işgärler syýasatynyň we zähmet şertleriniň ÝTÖB-ň talaplaryna laýyk gelýändigine göz ýetirmek
- **Serişdeleriň netijeliligini üpjün etmek we hapalanmanyň öňüni almak we kontrol etmek:** ÝTÖB-ň maýagoýum babatynda ileri tutulmalary suwuň we topragyň hapalanmagyny pese düşürmeklige, serişdeleriň ýaramazlaşmagynyň öňüni almaklyga, daşky gurşawa we adamyň saglygyna täsir edýän howanyň hapalanmagynyň öňüni almaklyga we zyýanly himikatlaryň ulanylmagyny azaltmaga gönükdirilendir. ÝTÖB-y energiýany az mukdarda sarp edýän ykdysadyýeti goldamak üçin Ýaşyl (Ekologiýa taýdan arassa) Ykdysadyýete Geçişe degişli taslamalary goldaýar, hem-de degişli direktiwalar, pudaklaýyn prosesler we dünýä tejribesi boýunça mümkinçilikleri goldamak üçin Tehniki meseleler boýunça hyzmatdaşlygy üpjün edýär
- **Saglygy goraýyş we howpsuzlyk:** ÝTÖB-y tehniki howpsuzlyk we zähmet goragy standartlaryny kämilleşdirmek ugrunda hereket eder, şu maksat bilen töwekgelçilikli ýagdaýlaryň dolandyrylmagyny kämilleşdirmek we iş bilen bagly şikesleriň öňüni almak üçin bilimleri we başarnyklary ösdürmek ugrunda döwlet we hususy edaralar bilen işlär. ÝTÖB-y DÖM-na laýyklykda howpsuz iş gurşawyny goldamak üçin degişli halkara guramalar bilen bilelikde işlär. Ýollaryň howpsuzlygy we ulaglar parkyny dolandyrmak boýunça başlangyçlar gözden geçiriler. Köpçülik üçin arassa agyz suwynyň elýeter edilmegi we iýmit howpsuzlygynyň üpjün edilmegi esasy ileri tutulýan meselelerdir
- **Ýer edinme, mejbury ýerinden göçürme we durnukly ykdysady ýagdaýdan mahrum bolma:** ÝTÖB-y zyýan çeken adamlara maglumat we maslahat bermekligi gowulandyrmak üçin müşderilerine itergi berer. Yitirilen aktiwleri we telekeçilik işini bahalandyrmaklygy kämilleşdirmek gerek. Eger ýaşaýjylaryň hukuk tituly ýok bolsa müşderiler öwezlik tölegini üpjün etmeli we ÝTÖB-ň talaplaryna laýyklykda hojalygy dikeltmäge kömek bermeli.
- **Biodürlüligi gorap saklamak we janly tebigy serişdelerini durnukly dolandyrmak:** energetika, transport we infrastruktura ulgamlarynda amala aşyrylýan taslamalar durnuksyz ýaşaýyş sredalaryna, goralýan zolaklara, tebigy goraghanalara ýa-da teklip edilýän ýa bolmasa eýýäm bar bolan Ramsar ýerlerine ýaramaz täsir edip biler. ÝTÖB-y duýgur taslamalaryň biodürlülige edýän täsiriniň bahalandyrmasynyň geçirilmegini üpjün eder we senagat işiniň biodürlülige edýän täsirlerini bahalandyrmak we monitoring etmek üçin mümkinçilikleri ýokarlandyrmaga ýardam berer (esasan hem Hazar deňizinde nebitiň çykarylmagy we gämi gatnawy ýaly senagatlaryň Hazaryň tebigy goraghanasyna täsiri).
- **Medeni miras:** Medeni mirasy gorap saklamak maksady bilen esasy işe gatnaşyjy taraplar bilen kesgitlemek we maslahatlaşmak üçin degişli bahalandyryş prosesini üpjün etmek.
- **Maliýe araçylary:** Maliýe edarasynyň hyzmatdaşlarynyň laýyk derejeli Ekologiýa we sosial netijelerini dolandyrmak mümkinçilikleriniň we töwekgelçilikli ýagdaýlary dolandyrmak proseduralarynyň bardygyna, hem-de ÝTÖB-ň kredit liniýalary esasynda maliýeleşdirilýän taslamalara degişlilikde Ekologiýa we sosial netijelerini dolandyrmak boýunça talaplaryň ulanylýandygyna göz ýetirmek.
- **Monitoring we gözegçilik:** Ekologiýa we sosial netijelerini dolandyrmagyň ýerine ýetirilişini monitoring etmek üçin müşderi bilen işlemek we Bankyň portfoliosy bilen bagly hukuk meselelerini çözmek. Tehniki meseleler boýunça hyzmatdaşlyk üçin niýetlenen serişdelerini mümkinçilikleri ýokarlandyrmak we habardarlylygy kämilleşdirmek üçin ulanmak.

# 8. Donorlaryň bilelikdäki maliýeleşdirmesiniň bahalandyrmasy

European Bank
for Reconstruction and Development

## 8.1. Grantlara bolan islegleriň bahalandyrmasy

Ýurt strategiýasynyň esasy maksatlaryna ýetmek we aşakdaky meseleler boýunça goldaw tapmak üçin donorlaryň maliýeleşdirmesi gerek bolar:

- Kiçi şereketlere maslahat bermegiň we Hususy maliýe edaralarynyň MKOK-y maliýeleşdirmek boýunça mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak arkaly KOK-ň bäsdeşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;
- Aýratyn şäher infrastruktura taslamalarynyň üsti bilen hyzmat üpjün etmekligi kämilleşdirmek;
- Ýaşyl (ekologiýa taýdan arassa) Ykdysadyýete Geçiş taslamalary, şol sanda (1) gazy ýakmakdan we durnuksyz taşlandylardan ýyladyşhana gazynyň göýberilmegini pese düşürmek; (2) gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri boýunça görkezme taslamalary; we (3) suwuň tygşytly ulanylmagy;
- Strategiýa ygrarlylyk we hukuk özgertmeleri; mysal üçin, kapital bazarynyň ösdürilmegi bilen bagly;
- Söwdany ýeňilleşdirmek boýunça maksatnama esasynda hyzmatdaş banklara maslahat beriş hyzmatlaryny üpjün etmek; we
- Özgertmeleriň oňaýly gurşawyny nazara almak bilen, aýratyn transport we energiýa taslamalarynyň arasyndaky arabaglanşygy kämilleşdirmek.

## 8.2. Grant gaznalary üçin potensial çeşmeler

- Ikitaraplaýyn donorçylyk goldawlary ÝTÖB -ň Kiçi Biznesler üçin Goldaw Gaznasynyň we **ÝTÖB-ň Irki Geçiş Ykdysadyýetli Ýurtlar üçin Goldaw Gaznasynyň üsti bilen ugradylyp biliner.**
- ÝTÖB-ň kiçi biznesler boýunça başlangyçlaryny we MKOK maliýe esaslaryny goldamak üçin ÝB-i maliýeleşdirmäni Merkezi Aziýa üçin Maýagoýum Gaznasynyň çäginde üpjün edýär. Mundan başga-da, ÝB-i şäher infrastruktura taslamalaryny goldamak üçin gyzyklanma bildirdi
- **ÝTÖB-ň Aksionerleriniň Ýörite gaznasy** esasy grant beriji bolmagyna galar.
- Bankyň Ýaşyl Ykdysadyýete Geçiş Başlangyçlary esasynda taslamalary goldamak üçin maliýeleşdirme **Global ekologiýa Gaznasy** tarapyndan üpjün edilip biliner.
- Türkmenistanyň **Kredit-Maliýe edarasynyň we Hususy Kärhanalary üçin ýörite maýagoýum gaznasyndan** kredit serişdelerini almaga hem hukugy bardyr.

**Saýlanan elýeterlilik görkezijileri**

| | | *ÝTÖB sebit göterimleýin derejesi* [1] |
|---|---|---|
| JIÖ ilat sanyna (PPP (SGP), häzirki int. $)[2] | 17,993 | 53nji |
| ODA (ÖRK) ýurt | *hawa* | *ýok* |
| Jemi milli girdejiniň paýy hökmünde ODA (ÖRK) (%)[3] | *0.1* | *8nji* |
| ODA (ÖRK) ilat sanyna paý-gy (ABŞ Dollar – häzirki bahalar)[3] | *5.83* | *8nji* |

Çeşmeler: [2] Bütündünýä banky HPG (2017)[3] ÝHÖG(2016)

**Grant üçin ýüz tutulan islegler (€m)**




*1. Ýönekeý göterimleýin dereje Türkmenistandan pes derejede berlen ÝTÖB-ň ýurtlar boýunça paýlary hökmünde görkezilen (ODA görkezijiler ýagdaýynda ODA CoOs). 2. HPG. 3. ÝHÖG*

# Goşundylar

# Goşundy 1 – 1-nji maddanyň kontekstinde syýasy bahalandyrma

European Bank
for Reconstruction and Development

Türkmenistanyň hökümetiniň Öňki Ýurt Strategiýasynyň öz içine alýan döwründe konstitusiýa we kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek ugrunda edýän tagallalaryna garamazdan, Türkmenistanyň Banky döretmek boýunça ylalaşygyň 1-nji maddasyndaky syýasy ýörelgelerini ulanmagy we olara ygrarly bolmagy entäk hem degişli halkara edaralaryň aladalanýan meseleleriniň biri bolmagynda galýar.

Öňki ýurt strategiýasy 2014-nji ýylda tassyklanyldy, şondan bäri Türkmenistanyň hökümeti hem ýurduň hukuk edaralaryny we kanunçylygyny halkara kadalaryna laýyk getirmek üçin iş alyp barýarlar. 2016-njy ýylda Konstitusiýanyň üýtgedilmegi adam hukuklaryna degişli düzgünnamalary pugtalandyrdy. 2017-nji ýylda Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekiliň bellenilmegi oňaýly ädimleň biri boldy. Türkmenistanyň häkimiýetleri Birleşen Milletler Guramasy (BMG) we Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) bilen has ysnyşykly işläp başladylar, BMG-niň ylalaşygyň agzalary bolan organlaryna doly hasabatlar berdiler we raýat jemgyýetiniň wekilleri bilen käbir duşuşyklara gatnaşdylar. [1]. 2018-nji ýylda Türkmenistanyň Köpugurly Döwürleýin Synynyň 3-nji tapgyrynyň maslahatlarynyň Türkmenistanyň häkimiýetleri tarapyndan kabul edilmegi giň goldaw tapdy.
Muňa garamazdan, demokratiýany we adam hukuklarynyň berjaý edilmegini goldaýan halkara guramalar Türkmenistan barada çynlakaý aladalanmaklaryny dowam edýärler. ÝHHG-nyň demokratik institutlar we adam hukuklary boýunça edarasynyň (DIAHE) Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň 2017-nji ýylyň fewral aýynda geçirilen prezident saýlawlary barada jemleýji hasabatynda (2012-nji ýyldan bäri) Türkmenistan saýlawlar we esasy azatlyklar babatda birnäçe kanunlary kabul edip geldi…(bu bolsa) käbir öň bolmadyk goşmaça kepilnamalary üpjün edip biler (ýöne) syýasy ýagdaý şeýle bir çäkli welin bu kanunlarda düzülen azatlyklary we hukuklary doly derejede amala aşyrmaklyk üçin mümkinçilik ýok" diýen netijä geldi [2]. Ýewropa Bileleşigi özüniň 2017-njy ýyl üçin adam hukuklary boýunça ýyllyk hasabatynda "raýat azatlyklaryna äsgermezlik, şol sanda söz, çap etmek, toplanmak, hereket etmek we din azatlyklarynyň çäklendirilmegi. Rugsatsyz tussaglar we gynamalar, şol sanda degişli hukuk proseduralaryň we adalatly kazyýet iş seredilmelerinden boýun gaçyrmalar bolup geçdi " diýen netijä geldi [3]. 2017-nji ýylyň oktýabr aýynda Halk Maslahatynyň täzeden dikeldilmegi ygtyýarlyklaryň bölünmegini togtatdy we regressiw ädim boldy.

## *Azat saýlawlar we Hökümet wekiliýeti*

### *Azat, adalatly we bäsdeşlik esasyndaky saýlawlar*

1992-nji ýylda kabul edilen we birnäçe gezek, has ýakynda bolsa 2017-njy ýylda, üýtgeşme girizilen Türkmenistanyň Konstitusiýasy, azat saýlawlary we hökümet wekiliýeti geçirmeklik üçin hukuk esaslaryny düzýär. 45-nji maddada, "Türkmenistanyň raýatlarynyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni, şeýle-de erkin saýlanan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr" diýip agzalýar. Konstitusiýanyň VIII Bölüminde Prezident, Mejlis saýlawlaryny we sala salşyklary geçirmek boýunça, şol sanda ähliumumy we göni saýlaw we gizlin ses bermek hukugy ýaly esasy düzgünler beýan edilýär.

1. *Türkmenistanyň häkimiýetleri ÝHHG-nyň adam ölçeglerini durmuşa geçirmek boýunça maslahatyna 2015-nji ýylda birinji gezek wekilýetini ugratdy. Soňra olar ýene bir gezek 2016-njy ýylda gatnaşdylar, emma 2017-nji we 2018-nji ýyllarda gatnaşmadylar.*
2. *Türkmenistan. Prezident saýlawy, 12-nji fewral, 2017 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2017, 5-nji sah.*
3. *ÝB dünýäde adam hukuklary we demokratiýa boýunça ýyllyk hasabaty 2016-njy ýyl, 2017-nji ýylyň oktýabry, sah 92.*

Şeýle-de bolsa, demokratik saýlawlary geçirmeklik üçin hukuk esaslary ýeterlik däl. Konstitusiýanyň 71(12) maddasyna laýyklykda, Prezident Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topary döredýär we onuň düzümine üýtgetmeler girizýär. DIAHE 2017-nji ýyldaky prezident saýlawlary baradaky jemleýji hasabatynda şeýle belledi: “Prezidentiň Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyny bellemek boýunça ölçegsiz ygtyýarlygy ol toparyň garaşsyzlygyny we adalatlylygyny çäklendirýär we halkara borçnamalaryna we ülňilerine gabat gelmeýär.”[4] DIAHE-niň 2018-nji ýyldaky Mejlis saýlawlary baradaky jemleýji hasabatynda şeýle netijä gelindi: “DIAHE-niň öňki tekliplerini çözmek üçin wajyp ugurlar boýunça goşmaça hukuk özgertmelerini geçirmek zerur, muňa saýlaw hukugyna bolan hukuklar, saýlawy dolandyrmak, saýlawçylary hasaba almak, saýlaw möwsümi we saýlaw möwsümini maliýeleşdirmek we sawlaw günündäki tertip-düzgünler girýär.” Hasabat şeýle-de Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparynyň ýolbaşçylaryny tankytlady we saýlaw prosesine ýerine ýetiriji häkimiýetiň özbaşdak goşulmasyny habar berdi. [5]

Türkmenistandaky saýlawlaryň geçiriliş ýoly öňden gelýän ynjalyksyzlyk döredýän tema bolmagynda galýar. DIAHE-niň 2017-nji ýylyň fewral aýyndaky prezident saýlawlaryna we 2018-nji ýylyň mart aýyndaky Mejlis saýlawlaryna Saýlawlara gözegçilik etmek boýunça topary ugratmaly däl diýen karary olaryň Türkmenistanda 1990-njy ýyllaryň soňundan bäri geçirilip gelýän her bir saýlawa degişli çemeleşmesine laýyk geldi: olar oňa derek hemmetaraplaýynlyk derejesi pesräk bolan Saýlawlara baha bermek boýunça topary (SBBT) ugratdy. 2017-nji ýylyň prezident saýlawlary alternatiw syýasy partiýalardan teklip edilen dalaşgärleriň ses bermek üçin býulletenlere goşulandygy baradaky ilkinji saýlaw bolupdy we SBBT “inklýuziw prosesi” tassyklapdy, emma onuň jemleýji hasabaty örän tankydy boldy. [6] SBBT-niň 2018-nji ýyldaky Mejlis saýlawlary boýunça hasabatynda saýlawy geçirmegiň hukuk derejesiniň gowulanandygy bellenip geçilse-de, ol “Syýasy ýagdaý diňe galp plýuralistik häsiýete eýe we saýlawçylara syýasy alternatiwalary hödürlemeýär” diýen netijä geldi. Esasy azatlyklary amala aşyrmaklyk berk derejede çäklendirilen, bu bolsa saýlawçylaryň azat erk-isleglerini bildirmeklerine päsgelçilik döredýär. Aýdyňlygy üpjün etmek çärelerine garamazdan, netijeleriň dogrudygyna şübhe döretmek arkaly saýlawlaryň bütewiligi üpjün edilmedi.” [7]

*Ygtyýarlyklaryň bölünmesi we netijeli barlaglar we deňagramlyklar*

Garaşsyzlyk alnandan bäri, Türkmen döwletinde prezidentlik agalyk edýär, onuň üstesine-de ygtyýarlyklaryň bölünmesini üpjün etmek üçin konstitusion we hukuk düzgünler ýeterlik däl. Konstitusiýanyň 6-njy maddasy şuny belleýär: “Türkmenistanda döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünýär. Olar biri-birini deňagramlaşdyryp, özbaşdak hereket edýärler.” Şeýle-de bolsa konstitusiýanyň beýleki maddalary prezidentliligiň görnükli roluny belläp geçýärler. [8] 72-nji madda Prezidente “Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanylyk güýji bolan permanlary, kararlary we buýruklary çykarmak” ygtyýarlygy berýär. 71-nji madda prezidente örän az barlaglar ýa-da deňagramlyklar bilen hemmetaraplaýyn ygtyýarlyklary berýär. Konstitusiýanyň 71-nji (19) maddasy we goldaw beriji kanunlar Prezidente degişli kepiller bolmazdan adatdan daşary we harby ýagdaýlaryň düzgünini girizmäge hukuklar berýär. 9 Prezident şeýle hem premýer ministriň (wezipe resmi derejede ýok) we hökümetiň ýolbaşçysy wezipelerini eýeleýär. 91-nji madda Prezident Ministrler Kabinetiniň Başlygy hökmünde hereket edýär diýip agzap geçýär, eger ol özüniň wezipelerini premýer-ministriň orunbasaryna geçirmedik ýagdaýynda. Prezident Ministrler Kabinetiniň başlygynyň orunbasarlaryny, ministrleri Mejlise salgylanmadan wezipä belleýär we wezipeden boşadýar. [10]

4. *DIAHE-niň hasabaty: "Prezidentiň [Saýlaw kodeksine] üýtgetmeleri kabul etmek babatda wezipesi ygtyýarlyklaryň bölünmesi bilen bagly has-da goşmaça ynjalyksyzlyklary döredýär" diýen netijä geldi. DIAHE-niň baha bermegine görä, Merkezi saýlaw toparynyň häzirki dörediliş usuly, esasan hem , Türkmenistanyň BMG-niň Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktyna (RSHHP) laýyklykda borçnamalaryna gabat gelmeýär. Türkmenistan. Prezident Saýlawy, 12 –nji fewral, 2017 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2017, 1-5-nji sah. Türkmenistan. Türkmen hökümetiniň ýokary wezipeli wekili 2018-nji ýylyň fewralynda Merkezi saýlaw toparynyň başlygynyň Mejlis tarapyndan makullanandygyny Banka habar berdi.*
5. *Türkmenistan. Mejlis saýlawlary, 25-nji mart, 2018 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2018, 1-nji sah.*
6. *Türkmenistan. Prezident saýlawy, 12-nji fewral, 2017 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2017, 1-nji sah.*
7. *Türkmenistan. Mejlis saýlawlary, 25-nji mart, 2018 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2018, 1-nji sah.*
8. *75-nji madda Prezidentiň näsaglygy sebäpli ýa-da Konstitusiýany we kanunlary bozan halatynda wezipesinden boşadylyp bilinjegi baradaky şertleri kesgitleýär. DIAHE impiçment üçin şertleriň gaty agyr bolmazlygyny maslahat berdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň taslamasy boýunça bellikler, DIAHE, Iýul 2016. 71-nji madda laýyklykda Prezidentiň ygtyýarlyklary adam hukuklary boýunça adalatçyny (ombudsmeni) wezipä bellemek we wezipeden boşatmak boýunça hukugyny girizmek bilen has giňeldildi.*
9. *Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň taslamasy boýunça bellikler, DIAHE, Iýul 2016.*
10. *71 (16) madda laýyklykda içeri işler we adalat ministrlerini işe bellemek we işden boşatmak Mejlisiň razylygy boýunça Ýokary kazyýetiň başlygy we baş prokuror tarapyndan amala aşyrylýar*

# Goşundy 1 – 1-nji maddanyň kontekstinde syýasy bahalandyrma

European Bank
for Reconstruction and Development

Türkmenistanyň ilkinji prezidenti Niýazowyň döwründe 1996-njy ýyldan başlap prezidentligiň görnükli roly onuň "Hemişelik Prezident" statusy bilen has berkidildi. Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow 2006-njy ýylyň ahyrynda döwlet baştutanlygyna geçdi we birnäçe oňyn ädimler edildi. Prezident saýlawlary dikedildi we 2008-nji ýyldaky konstitusion üýtgetmeler saýlanylmadyk hemmetaraplaýyn milli assambleýa bolan Halk Maslahatyny ýatyrdy, we saýlanan Mejlisiň ygtyýarlyklaryny berkitdi hem-de saýlanan mejlisde agzalygyň sanyny 65-den 125 çenli köpeltdi. 2008-nji ýyldan soň Mejlis has işjeň ýagdaýda kanunlary kabul edip başlady. 2016-njy ýylda konstitusiýa girizilen üýtgetmeler prezidentiň ygtyýarlyklaryny ýene-de güýçlendirdi: prezidentlik möhletiniň bäş ýyldan ýedi ýyla uzaldylmagy we prezidentlige dalaşgärleriň ýokary ýaş derejesiniň (70) ýaş bolmagynyň aradan aýrylmagy.

2017-nji ýylyň oktýabr aýynda milli Halk Maslahatynyň "halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edara" hökmünde dikeldilmegi häkimiýetleriň bölünmegi bilen bagly ýörelgelerini bozdy.  Konstitusiýanyň kanunynda bellenilişine görä, Prezident eýeleýän wezipesine laýyklykda Halk Maslahatynyň Başlygy bolup durýar hem-de onuň düzümine saýlanan hem-de saýlanylmadyk ýokary wezipeli we jemgiýetçilik işgärleri girýär.  Halka Maslahatynyň Başlygynyň Halk Maslahatynyň işine gatnaşmak üçin Türkmenistanyň milli durmuşyndan başga adamlary hem çagyrmaga hukugy bardyr.  Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklary giň göwrümlidir; onuň Konstitusiýa düzedişleriň girizilmegini tassyklamaga hem-de kanuny güýji bolan permanlary kabul etmäge ygtyýary bardyr.

*Saýlanan wezipeli adamlary dolandyrmakda netijeli ygtyýarlyk*

Konstitusiýa saýlanan wezipeli adamlaryň dolandyrmak üçin netijeli ygtyýarlygy barada käbir aýratyn bölekleri beýan edýär. 3-nji maddada "Halkyň hiç bir böleginiň (toparynyň), hiç bir guramanyň ýa-da aýry-aýry adamlaryň döwletde häkimiýeti eýelemäge haky ýokdur." diýlip beýan edilýär".

Konstitusiýa esasynda häkimiýetiň ýerine ýetirijilik we kanun çykaryjylyk şahalaryna jogapkärçilik edýän Prezident we Mejlis saýlawlarda saýlanylýar. Ýurdyň ne ýaragly güýçleri ne-de döwlet howpsuzlyk gulluklary özbaşdak hereket edip bilmeýärler. Prezident ýurdyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy bolup harby güýçleriniň üstünden gönümel gözegçilik edýär.  Ol şeýle-hem ýurdyň içerki howpsuzlygynyň üpjün edilmegine jogapkär Milli Howpsuzlyk ministrliginiň üstünden gözegçilik edýär. Dini, korporatiw ýa-da beýleki saýlanylmadyk subýektleriň saýlanan wezipeli  adamlaryň üstünden çendenaşa ygtyýary bolmaýar, emma welin saýlanylmadyk Halk Maslahatynyň dikeldilmegi bu ýörelgäni bozýar.

*Raýat Jemgyýeti, Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri  we Gatnaşyk*

*Raýat jemgyýetiniň möçberi we garaşsyzlygy*

Konstitusiýa azat we işjeň raýat jemgyýeti üçin hukuk esaslaryny kesgitleýär. 17-nji madda "Döwlet raýat jemgyýetiniň ösmegi üçin zerur şertleri üpjün edýär. Jemgyýetçilik birleşikleri kanunyň öňünde deňdirler." Ýaňy-ýakynda kabul edilen 2016-njy ýylda güýje giren "Meýletinçilik baradaky" kanun we 2017-nji ýylyň sentýabr aýynda güýje giren "Haýyr-sahawat işi hakyndaky" kanun raýat jemgyýetçiligiň ösüşini goldamaly. Resmi derejede hasaba alnan meýletin birleşikleriniň sany aram 120.

Demokratiýany we monitoringi ösdürmek we adam hukuklarynyň goralmagyny goldaýan halkara guramalar bu ýörelgeleriniň iş ýüzünde amala aşyrylyşyna degişlilikde uly alada bildirdiler. DIAHE 2017-nji ýyldaky prezident saýlawlary baradaky jemleýji hasabatynda şeýle belledi: "Hukuk esaslary bar hem bolsa, hakyky raýat jemgyýeti ýetmezçilik edýär."11 BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi "birleşigiň azatlygyna degişli çäkler boýunça, şol sanda 2014-nji ýylyň Meýletin Birleşik kanuny esasynda, birleşikleriň hökmany derejede hasaba alnyşy, häkimiýet edaralaryna birleşikleriň geçirýän işlerine we maliýe işlerine gözegçilik etmäge bolan giň hukuklary we olary ýapmak boýunça giň hukuk esaslary barada ynjalyksyzlyklaryny beýan etdi...." Ondan başga-da, ol adam hukuklarynyň meseleleri boýunça işleýän az sanly raýat jemgyýeti guramalary barada hem ynjalyksyzlyklaryny beýan etdi.12

*Senzurasyz hereket edýän garaşsyz, plýuralistik köpçülikleýin habar beriş serişdeleri*

Konstitusiýa azat köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk esasyny kesgitleýär. 42-nji maddada "Her bir adama pikir we söz azatlygy kepillendirilýär. Hiç kimiň adama öz pikirini erkin beýan etmegini gadagan etmäge, şonuň ýaly-da ony kanuna laýyklykda ýaýratmaga päsgel bermäge hukugy ýokdur." diýlip agzalýar. Ondan soňra ol "Her bir adamyň döwlet ýa-da kanun arkaly goralýan gaýry syrlary özünde saklaýan maglumatlardan başga maglumatlary kanunda gadagan edilmedik usulda erkin gözlemäge, almaga we ýaýratmaga hukugy bardyr." diýip dowam edýär..." 2012-nji ýylda kabul edilen we soňra üýtgedilmeler girizilen "Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri baradaky" Kanunynda köpçülikleýin habar beriş edaralaryň we žurnalistleriň hukuklary, azatlyklary we jogapkärçilikleri barada jikme-jik maglumatlar beýan edilýär. Internediň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi baradaky kanun we Internet hyzmatlaryny üpjün etmek hakyndaky kanun 2014-nji ýylda güýje girdi we soňky ýyllarda internet ulanyjylaryň sany ösdi. ÝHHG-nyň KHBS-ň azatlygy meseleleri boýunça wekili 2018-nji ýylda kabul edilen «Telewideniýe we radiogepleşikler hakyndaky» kanunyň käbir jähtlerini gollady, emma onuň halkara ülňülerine laýyk gelmegini üpjün etmek üçin ony kämilleşdirmäge çagyrdy[13].

BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi birnäçe "kanunlaryň we tejribeleriň" pikir we söz azatlygyny "düýpli" çäklendirýändigi barada ynjalyksyzlyklaryny beýan etdi. Muňa hakyky garaşsyz habar beriş serişdeleriniň ýoklugy we internede girmekde esaslandyrylmadyk çäklendirilmeler we onlaýn derejede elýeterli maglumatlara laýyk gelmeýän çäklendirmeler girýär.14 BMG-niň ýurt boýunça topary, 2018-nji ýylyň martynda BMG-niň adam hukuklary boýunça Baş komissarynyň edarasyna tabşyran hasabatyndaky öz belliklerinde şuny belläp geçýär, ýagny "ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde öz-özüne gözegçilik etmek giňden ýaýran we daşary ýurt žurnallarynyň getirilmegi we satylmagy çäklendirilen" diýip belläp geçýär.15 DIAHE-niň 2018-nji ýyldaky Mejlis saýlawlary boýunça jemleýji hasabatynda "köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň landşafty hökümet monopoliýasy bilen häsiýetlendirilýär ... alternatiw ýa-da tankydy garaýyşlaryň ýoklugy hemme habarlar we maglumat gulluklarynyň berk gözegçilik astyndadygyny görkezýär... Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň plýuralizminiň we garaşsyzlygynyň ýoklugy saýlawçylara aňly-düşünjeli seçip almak üçin gerekli pikirleriň dürli-dürlüliginden mahrum edýär we ÝHHG-niň borçnamalaryna we beýleki halkara ülňülere gapma-garşy gelýär."."[16]

11. *Türkmenistan. Prezident Saýlawy, 12-nji fewral, 2017 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2017, 3-nji sah.*
12. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 46-njy paragraf*
13. *ÝHHG-nyň KBHS-ň azatlygy boýunça yörite wekiliniň hasabaty, Wena, Mart 2018ý.*
14. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 42-nji paragraf*
15. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabaty. Türkmenistan boýunça ýygyndy, Mart 2018, 39-njy paragraf.*
16. *Türkmenistan. Mejlis saýlawlary, 25-nji mart, 2018 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2018, 11-nji sah. Şeýle hem ýakyndaky döwlet pul maýalaryny gysmaklyk maglumata elýeterlik ýolunda goşmaça böwet bolup biljekdigi barada biynjalyklar bildirildi. Türkmenistanyň "Telewideniýe we radiogepleşikler hakynda" kanuny boýunça bellikler, YHHG, 2018-nji ýylyň fewral aýy*

# Goşundy 1 – 1-nji maddanyň kontekstinde syýasy bahalandyrma

European Bank
for Reconstruction and Development

*Syýasy partiýalary döretmek üçin azatlyklar we guramaçylykly oppozisiýanyň barlygy*

Konstitusiýa garaşsyz syýasy partiýalara ýurduň syýasy durmuşyna gatnaşmagy üçin hukuk esaslaryny belleýär. 17-nji maddada şeýle diýilýär, "Türkmenistanda syýasy köpdürlülik we köp partiýalylyk ykrar edilýär." 44-nji maddada şeýle diýilýär, "Raýatlar Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge haklydyrlar." Emma onda şeýle hem şu agzalýar, "Konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmegi maksat edinýän, öz işinde zorluga ýol berýän, raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykyş edýän, urşy, teniniň reňkiniň alamaty boýunça, milli, dini duşmançylygy wagyz edýän, halkyň saglygyna we ahlaklylygyna kast edýän syýasy partiýalaryň we gaýry jemgyýetçilik birleşikleriniň, şeýle hem milli ýa-da dini alamatlar boýunça syýasy partiýalaryň döredilmegi we işlemegi gadagan edilýär".

2012-nji ýyla çenli Türkmenistanda ýeketäk partiýa Demokratik Partiýa bolupdy. Şol ýyl syýasy partiýalar baradaky kanun syýasy partiýalary döretmek barada hukuk esaslary döretdi. 2012-nji ýylda senagatçylar we telekeçiler partiýasy we 2014-nji ýylda bolsa Agrar partiýasy döredildi.17 BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi köp partiýalylyk ulgamyny üpjün etmek üçin kanunçylyk çäkleri makullaýan hem bolsa, ol "syýasy partiýalaryň döredilmeginde we dolandyrylmagynda çendenaşa çäkleriň bolmagy, şeýle hem Merkezi saýlaw toparynyň we Adalat Ministrliginiň wekillerine syýasy partiýalaryň ýygnaklaryna gözegçilik etmäge rugsat berlen düzgünnamalar" barada biynjalyk bolýandygyny bildirdi."18 DIAHE-niň 2018-nji ýyldaky Mejlis saýlawlary boýunça jemleýji hasabatynda "Galp plýuralistik syýasy landşaft dürli-dürli pikirlere eýe däl, sebäbi üç syýasy partiýa hem prezident Berdimuhamedowyň syýasatyna goşulýarlar we diňe öz beýan edilen goldaw bazasy bilen tapawutlanýarlar." diýen netijä geldi."19

## *Kanunyň hökmürowanlygy we Adalatlylyga elýeterlik*

### *Kanunyň hökmürowanlygy*

Konstitusiýa kazyýet prosesi esasynda kanunyň hökmürowanlygynyň hukuk esaslaryny belleýär. 8-nji maddada şeýle diýilýär, "Türkmenistanda kanunyň hökmürowanlygy bellenendir". 96-njy maddada şeýle diýilýär, "Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir". 33-nji maddada şeýle diýilýär, "Adam diňe kanunda takyk görkezilen esaslar bar bolan halatynda kazyýetiň karary boýunça ýa-da prokuroryň sanksiýasy bilen tussag edilip bilner". 35-nji maddada şeýle diýilýär, "Adam diňe kanunda bellenilen tertipde kazyýet tarapyndan günäli diýlip bilnen we iş kesilen halatynda jenaýat jezasyna sezewar edilip bilner ". 2008-nji ýyldan başlap Mejlisiň kanunçylyk işiniň ýokarlanmagy netijesinde ýurdyň ykdysadyýeti we raýat jemgyýetçiligi üçin hemmetaraplaýyn hukuk-kadalaşdyryjy namalar kabul edildi.

Halkara guramalaryň bahalary kanunyň hökmürowanlygynyň iş ýüzünde berjaý edilmeýändigine şaýatlyk edýär. Bütindünýä banky özüniň 2017-njy ýyl bütindünýä dolandyryş görkezijileri boýunça hasabatynda Türkmenistana kanunyň hökmürowanlygynyň görkezijisi babatda pes dereje berdi.20 BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi saklanan adamlaryň näçe wagtlap saklanyp biljekdigi barada we kazyýet gözegçiliginiň ýoklugy barada biynjalyk bildirdi. Ol şeýle-de "iş ýüzünde günäsizligini ýuridik dogry hasaplamaklyk boýunça düzgün bozulmalar we rusça gepleýän günäkärler üçin terjime edip bermek hyzmatynyň ýoklugy barada biynjalyk boldy…"…21

### *Kazyýetiň garaşsyzlygy*

*17. Türkmenistan. Prezident Saýlawy, 12 –nji fewral, 2017 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2017, 3-nji sah.*
*18. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017.*
*19. Türkmenistan. Mejlis saýlawlary, 25-nji mart, 2018 ý. ÝHHG/DIAHE-niň Saýlawlara baha bermek boýunça toparynyň jemleýji hasabaty, Maý 2018, 4-nji sah.*
*20. Bütindünýä banky. Bütindünýä dolandyryş görkezijileri. Ol, nol - bolup biljek iň pes baha we 100 - iň gowy bahada 6.25 bahany gazandy. Ol 2016-njy ýyl görkezijisi 2011-nji ýyl üçin 2.82 derejede gowulanmany görkezdi.*
*21. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, parag 24 we 30*

Konstitusiýa kazyýet organlarynyň garaşsyzlygy barada netijeli hukuk esasy bellemeýär. Konstitusiýanyň V baby Kazyýet häkimiýetiniň ygtyýarlyklaryny belleýär. 99-njy maddada şeýle diýilýär, “Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär”. 98-nji maddada şeýle diýilýär, “Kazylar garaşsyzdyrlar, olar diňe Konstitusiýa we kanuna tabyndyrlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär we oňa gatyşylmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige eltýär”. Şeýle-de bolsa, bu ýörelgeler Prezident kazylary wezipä belleýär diýýän 100-nji madda tarapyndan bozulýar.[22]
BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi Kazyýetiň garaşsyzlygyna howp salýan birnäçe meseleler barada aladalar bildirdi. Muňa degişliler: kazyýetiň çak edilýän korrupsiýasy; Prezidentiň kazylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak babatda aýratyn ygtyýarlylygy; kazylaryň işleýän döwründe howpsuzlygynyň ýoklugy; we kazylaryň sylaglanmagyna we olaryň tertip-düzgünine jogap berýän garaşsyz organyň ýoklugy.23

2017-nji ýylyň mart aýynda Prezident 2017-21-nji ýyllar üçin döwlet kazyýet ulgamynyň ösüş maksatnamasyny tassyklady, onda aýdyň, adalatly we garaşsyz kazyýet çözgütleriniň kabul edilmegini üpjün etmek boýunça teklipler , şol sanda kazylaryň garaşsyzlygyny we derejesini ýokarlandyrmak boýunça çäreler beýan edilýär. Bu maksatnamanyň täsiri barada aýtmak entäk ir, emma 2019-njy ýylyň ýanwar aýynda kazylaryň birinji maslahatynyň geçirilmegi oňňyn ädim boldy.

*Hökümet we raýatlar kanuna deň derejede tabyndyrlar*

Konstitusiýada raýatlaryň deňligi üçin hukuk esaslary bellenip geçilýär. 28-nji maddada şeýle diýilýär, “Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan, adamyň we raýatyň kanunyň we kazyýetiň öňündäki deňligini kepillendirýär”. Muňa garamazdan, köp sanly degişli halkara guramalar bu ýörelgeleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilişi babatynda çynlakaý aladalanýarlar.

Berlen ygtyýardan kanunsyz peýdalanmagyň öňüni almak mehanizmleri gowşak. 2017-nji ýylyň başynda Adam hukuklary boýunça Adalatçynyň döredilmegi gowy kabul edilen ädim bolupdy. Ol öz ilkinji iş ýylynyň hasabatyny Mejlise 2018-nji ýylyň iýunynda berdi. 2017-nji ýylda ol ýüzlerçe şikaýatlara seredipdir we olaryň hemmesi diýen ýaly adam hukuklaryna degişli bolmasada sosial we administratiw meselelere degişli bolupdyr. Halkara edaralary Adam hukuklary boýunça Adalatçyny saýlamak tertipleriniň örän çäklendirilen ýagdaýda bolandygy we şeýle edaralaryň garaşsyzlygyny üpjün etmek üçin halkara derejede kesgitlenen ýörelgeleri bozandygy barada belleýärler.24 BMG-ň Ykdysady we Sosial Geňeşi 2018-nji ýylyň oktýabr aýynda Adam hukuklary boýunça Türkmen Adalatçysynyň adam hukuklary boýunça milli edaralaryň Global Birleşiginden entäk hem kepillendirilen akkreditasiýasynyň almandygyny belleýär.25

*Korrupsiýanyň (parahorlugyň) öňüni almak üçin netijeli syýasatlar we institutlar*

Türkmenistan giňden korrupsiýa bilen bagly düýpli meseleleriniň bar bolan ýurdy hasaplanýar. Bütindünýä banky öz 2016-njy ýyl bütindünýä dolandyryş görkezijileri boýunça hasabatynda Türkmenistana korrupsiýa gözegçiligi görkezijisi babatda pes dereje berdi.26 Transparency International (Aýdyňlyk boýunça) guramasy özüniň 2018-nji ýyldaky "Korrupsiýa görekezijisi indeksi" (KGI) boýunça hasabatynda Türkmenistany 180 ýurduň arasynda 161-nji orny bilen derejelendirdi. Bu onuň 2016-njy ýyllardaky 154-nji orny derejesinden erbetleşendigini görkezdi, ýöne 2017-nji ýyldaky derejesinde azajyk kämilleşme boldy. Türkmenistan BMG-nyň Korrupsiýa garşy konwensiýasyna goşuldy emma ol Merkezi Aziýadaky Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyň Stambuldaky parahorluga garşy göreş boýunça hereket meýilnamasyna goşulmadyk ýeketäk ýurtdyr.

*22. Prezidentiň Ýokary kazyýetiniň başlygyny wezipä bellemegi we wezipeden boşatmagy Mejlis tarapyndan makullanmaly*
*23. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 30-njy paragraf.*
*24. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabaty. Türkmenistan boýunça ýygyndy, Mart 2018.*
*25. BMG-nyň Ykdysady we sosial komiteti. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Oktýabr 2018*
*26. Bütindünýä banky. Bütindünýä dolandyryş görkezijileri. Ol, nol - bolup biljek iň pes baha we 100 - iň gowy bahada 4.32 bahany gazandy. Ol 2011-nji ýyl üçin 1.42 derejede gowulanmany görkezdi*

# Goşundy 1 – 1-nji maddanyň kontekstinde syýasy bahalandyrma

European Bank
for Reconstruction and Development

Korrupsiýa garşy göreşmek hakyndaky kanun 2014-nji ýylda kabul edildi. Korrupsiýa garşy göreşmek baradaky döwlet maksatnamasy hem-de ony ýerine ýetirmek üçin Hereket meýilnamasy 2017-nji ýylda kabul edildi. 2017-nji ýylda, Prezident Ykdysady jenaýatlara garşy göreş gullugynyň döredilmegi boýunça buýruk berdi bu bolsa aslynda iň gowy halkara tejribesine laýyk bolup bilerdi. Mundan biraz soňra hökümet edaralarynda birnäçe barlaglar geçirildi bu bolsa işden boşatmalara we tussag etmeklige eltdi. 2019-njy ýylyň ýanwar aýynda Döwlet gullugynyň Içeri işler ministrligi bilen birleşmegi onuň ygtyýarlyklarynyň peselmegini aňladyp biler.

*Raýat we Syýasy Hukuklar*

*Söz, maglumat, din, wyždan, hereket, birleşik, ýygnanyşyk we hususy eýeçilik azatlygy*

Konstitusiýa raýatlaryň syýasy we raýat hukuklardan peýdalanmaga mümkinçilikleriniň bolmagy üçin hukuk esaslary belleýär. 26-njy maddada şeýle diýilýär, “Adamyň hukuklary we azatlyklary eldegrilmesizdir hem-de aýrybaşgalanmasyzdyr. Konstitusiýa we kanunlara laýyk gelmeýän bolsa, adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Adamyň we raýatyň belli bir hukuklarynyň we azatlyklarynyň Konstitusiýada we kanunlarda sanalyp geçilmegi olaryň beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemeltmek üçin peýdalanylyp bilinmez”. Emma 30-njy maddada şeýle diýilýär, “Hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, şeýle hem ahlak kadalaryny, kanunyň talaplaryny, jemgyýetçilik tertibini bozmaly däldir, milli howpsuzlyga zyýan ýetirmeli däldir”. Konstitusiýanyň adam hukuklaryna degişli düzgünnamalary oňa 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda girizilen üýtgedilmelerde ep-esli pugtalandyryldy.

2017-nji ýylyň aprel aýynda BMG-nyň Adam hukuklary boýunça komiteti birnäçe kanunçylyk we syýasy çäreleriň girizilmegini makullady. Olara degişliler: 2013-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň raýatlygy hakynda kanun; 2016-njy ýylyň ýanwar aýynda kabul edilen 2016—2020-nji ýyllarda Türkmenistanda adam hukuklary baradaky hereketleriň milli meýilnamasy; 2015-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanda gender deňligini üpjün etmek boýunça hereketleriň 2015-2020-nji ýyllar üçin milli meýilnamasy we oňa degişli namalar; we 2016-njy ýylyň mart aýynda kabul edilen Türkmenistanda adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça hereketleriň 2016-2018-nji ýyllar üçin milli meýilnamasy. Adam hukuklary boýunça Adalatçy hakyndaky kanun 2017-nji ýylyň ýanwar aýynda güýje girizildi, adalatçy raýatlaryň döwlet edaralaryna garşy şikaýatlaryny derňemek üçin ygtyýarlyklardan peýdalanýar[27]. 2018-nji ýylda Türkmenistanyň häkimiýetleri BMG-nyň Adam hukuklary boýunça geňeşinde Türkmenistanyň Köpugurly Döwürleýin Synynyň 3-nji tapgyryna gatnaşdylar. Degişli guramalar onuň maslahatlarynyň kabul edilmegini giňden goldadylar.

Muňa garamazdan, Adam hukuklaryna goldaw bermäge çalyşýan we oňa gözegçilik edýän halkara edaralar Türkmenistanda syýasy we raýat hukuklarynyň iş ýüzünde bozulýandygy bilen baglylykda alada bildirdiler. Halkara adam hukuklary boýunça edaralar köp sanly tussaglaryň çak bilen syýasy sebäplere görä saklanýandygy we olaryň saklanyş şertleri barada aladalaryny bildirdiler. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi heniz hem “gizlin tussag edilmeler we köp sanly iş kesilen adamlaryň we tussaglaryň, şeýle-de öňki prezidentiň janyna kast etme synanyşygyna gatnaşandygy çaklanyp ýyl kesilen adamlaryň zorluk bilen ýitirim bolmagy barada habarlar barada biynjalyk boldy”. Ol mundan başga-da, “yzygiderli yzarlamalary, gorkuzmalary, gynamalary ulanmak we esassyz tussag etmeler, žurnalistlere, adam hukuklary boýunça aktiwistlere, dissidentlere, dini toparlaryň agzalaryna, etniki azlyklara we hökümete degişli bolmadyk guramalaryň agzalaryna garşy jeza berme guraly hökmünde syýasy deliller bilen aýyplamalar bilen tussag etmek we ýyl kesmek” barada biynjalyk bolýandygyny aýtdy.”28. Türkmenistanyň häkimiýetleri BMG-nyň zorlukly ýa-da meýletin däl ýitmeler boýunça Işçi topary bilen bilelikde işleýärler bu bolsa gelejekde öňe gidişligi üpjün eder. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi tussaglaryň saklanýan ýerleriniň örän erbet ýagdaýdadygy barada biynjalyk bildirdi we türkmen hökümet ýolbaşçylaryna garaşsyz guramalara we Gyzyl Haç Halkara Komitetine (HGHK) tussaglary saklanylýan ýerlere barmaga rugsat bermeklerini çagyrdy.29

*27. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 3-nji paragraf.*
*28. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017. 16 we 42 (d) paragraflar*
*29. BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 22-23-njy paragraf.*

# Goşundy 1 – 1-nji maddanyň kontekstinde syýasy bahalandyrma

European Bank
for Reconstruction and Development

Özüniň 2017-nji ýylyň maý aýyndaky adam hukuklary boýunça Türkmenistan bilen dialogynyň 9-njy tapgyrynda, Ýewropa Bileleşigi türkmen hökümet ýolbaşçylarynyň daşary ýurt ilçileriniň tussaghanalara baryp bilmeklerini ýeňilleşdirmäge taýýarlygyny makullady. Şeýle-de bolsa, bu ädimiň tussaglary saklanylýan ýerlere etjek täsiri näbelli.30
2016-njy ýylyň mart aýynda din ynam we dini guramalaryň azatlygy hakyndaky kanunyň rejelenen görnüşi kabul edildi, ol bu ugurda hukuk esaslaryny berkidýär.
2017-nji ýylyň aprelinde, BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi "hukuk çäkleriň … dini ynam azatlyklaryna, ýagny dini guramalaryň hökmany babatda hasaba alynmagy we hasaba alnanda nogsanlyklar, we dini bilimiň berilmegine çäkler we dini edebiýatyň getirilmegine we paýlanylmagyna degişli delilsiz çäkleri saklaýandygy babatda alada bildirdi."31 2017-nji ýylyň fewralynda, BMG-niň jyns babatda kemsidijiligi aradan aýyrmak boýunça komiteti belli bir azlyklaryň öz pikir, wyždan we din azatlygyny arkaýyn ýerine ýetirýärkäler kynçylyklara sezewar bolýandyklaryndan, şol sanda-da olaryň yzarlamalardan, dilden aýdylýan sögünçlerden, tussaglyklardan, tussag astyna almaklykdan, jerimelerden we dini edebiýatlaryň mahrum edilmeginden "ynjalyksyzlandy" diýip belledi."32
Soňky ýyllarda mejbury we çaga zähmetini aradan aýyrmak üçin hukuk esaslary berkidildi emma BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi "pagta ýygymy döwründe daýhanlaryň, talyplaryň, hökümet we hususy eýeçilikdäki edaralaryň işgärleriniň mejbury zähmete giňişleýin ulanylýandygy" barada alada bildirdi…"33 2017-nji ýylyň iýunynda, Halkara Zähmet Guramasy (HZG) türkmen hökümet ýolbaşçylarynyň pagta ýygymy döwründe mejbury zähmeti aradan aýyrmak maksady bilen bolmagy mümkin milli hereket meýilnamasy üçin tehniki ýardamy almak boýunça taýýardygy barada islegini makullady.34 2018-nji ýylyň maý aýynda, ABŞ-nyň hökümeti mejbury zähmetiň ulanylmagyna garşy göreşýän guramalar tarapyndan aladalaryň bildirilmegi netijesinde Türkmenistandan getirilýän nah mata we nah pagta önümleriniň hemmesiniň import edilmegini gadagan etdi.

*Aýallar, etniki we beýleki azlyklar üçin syýasy inklýuziwlik (goşulyşmaklyk)*

Konstitusiýada jynsyna, teniniň reňkine we gelip çykyşyna garamazdan raýatlaryň deňligi üçin hukuk esaslary bellenip geçilýär. 28-nji maddada şeýle diýilýär, "Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan, adamyň we raýatyň kanunyň we kazyýetiň öňündäki deňligini kepillendirýär". 29-njy maddada şeýle diýilýär, "Türkmenistanda erkekleriň we aýallaryň deň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem olary durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçilikleri bardyr. Deňhukuklylygyň jyns alamaty boýunça bozulmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige eltýär". 2015-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanda "2015-2020-nji ýyllar üçin gender deňligini üpjün etmek boýunça milli iş meýilnamasy" kabul edildi. Bu namalar "aýallaryň we erkekleriň deň hukuklaryny we deň mümkinçiliklerini üpjün etmek boýunça döwlet kepillikleri hakyndaky" kanun tarapyndan berkidildi, bu kanun şol ýylyň awgust aýynda güýje girdi.
Şeýle-de bolsa, halkara hukuklary boýunça hereket edýän edaralar hem kanun çykaryjy esaslaryň laýyklygy, hem-de onuň iş ýüzünde ýerine ýetirilişi babatynda alada bildirdiler. BMG-niň ýurt boýunça topary 2018-nji ýylyň martynda hemme zady öz içine alýan hukuklaryň kemsidilmegine garşy hereket edýän kanunlaryň ýoklugy barada alada bildirdi. 35 BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi heniz hem "hökümet we hususy sektorlarda aýal-gyzlaryň dowamly ýeterlik däl derejede, esasan hem ýolbaşçy wezipelerde öň hatarda görünmekleri babatda we aýal-gyzlaryň roly we jogapkärligi babatda, şol sanda Zähmet Kodeksinde, stereotipleriň giňden ýaýranlygy alada bolmagynda galýar".36

30. *Ýewropa Bileleşiginiň Daşary aragatnaşyklar boýunça gullugy (ÝBDABG). «ÝB -Türkmenistan» adam hukuklary boýunça 9-njy ýyllyk dialogy, Maý 2017.*
31. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 38-nji paragraf.*
32. *BMG-niň jyns babatda kemsidijiligi aradan aýyrmak boýunça komiteti. Türkmenistanyň sekizinji we on birinji döwürleýin hasabatlar boýunça jemleýji bellikleri. Fewral 2017, 12-nji paragraf.*
33. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 26-njy paragraf.*
34. *Komitetiň netijeleri boýunça standartlaryň ýerine ýetirilişi boýunça soňky hereketler, Halkara zähmet guramasy (HZG), iýun 2017.*
35. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabaty. Türkmenistan boýunça ýygyndy, Mart 2018, 11-njy paragraf*
36. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017, 10-njy paragraf. 2017-nji ýyldaky Prezident saýlawlaryndaky dokuz dalaşgäriň hiç-hilisi hem aýal maşgala däldi*

BMG-niň aýal-gyzlara garşy kemsidilmeleri (diskriminasiýany) ýok etmeklik boýunça geňeşi hem Türkmenistan aýal-gyzlaryň garşysyna edilýän zorluklaryň hemme görnüşine garaýan hemme zady öz içine alýan kanuny, şol sanda şol ugurda milli hereket meýilnamasyny kabul etmekligi başarmady diýip belläp geçdi.37

*Çetleşdirilmekden, gorkuzylmakdan we gynalmakdan azatlyk*

Konstitusiýa raýatlara çetleşdirilmäge, gorkuzylmaga we gynalmaga sezewar edilmez ýaly hukuk esaslaryny belleýär. 32-nji maddada şeýle diýilýär, “Her bir adamyň ýaşamaga we ony amala aşyrmagyň erkinligine hukugy bardyr. Hiç kim ýaşamaga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugy döwlet tarapyndan kanun esasynda goralýar”. Ondan soň ol şeýle dowam edýär, “Hiç kim gynamalara, zorluk ulanylmagyna, zalymlyk, adamkärçiliksizlik ýa-da adam mertebesini peseltmek bilen ýüzlenilmegine ýa-da jeza berilmegine, şeýle hem onuň razylygy bolmasa, lukmançylyk, ylmy ýa-da başga tejribelere sezewar edilip bilinmez”. Bu düzgünnama 2012-nji ýylda Jenaýat kodeksine gynamagyň aýratyn jenaýatçylykly düzgüni bozma hökmünde girizilmegi arkaly berkidildi. BMG-niň Gynamalara garşy komiteti 2017-nji ýylynyň ýanwar aýyndaky hasabatynda öz biynjalyklaryny bildirýär. Ol gynamalara garşy kepillendirmeleri güýçlendirýän Konstitusiýa we Jenaýat kodeksine üýtgeşmeleriň girizilmegini makullasa-da, kazyýetleriň garaşsyzlygynyň we gynamalara garşy hukuk kepillendirmeleriň iş ýüzünde berjaý edilmeýändigi barada biynjalygyny bildirdi. Ol şeýle-de gynamak üçin edilen hereket üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýänligi, zorluk bilen ýitirim edilmegi, adam hukuklaryny goraýjylaryň delilsiz tussag edilmeleri we olara rehimsiz garalmagy, gynamalar sebäpli tussaglykdaka ýogalmaklyk we tussaghanalardakylaryň erbet şertlerde saklanylmagy bilen baglylykda çynlakaý aladalanýandyklaryny bildirdi.38

BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi hem “azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynalýandygy we olara rehimsiz garalýandygy barada yzygiderli habarlar babatda” biynjalyk bolmagy dowam edýär. Geňeş esasan hem rehimsiz garalmak boýunça özüni biynjalyk edýän ýagdaýlarda durup geçdi.39 Bu ynjalyksyzlyklar DIAHE-niň 2018-nji ýylyň martynda Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabatynda gaýtalanypdy. Ol hasabatda, BMG-niň ýurt boýunça topary “2012-nji ýylda Jenaýat kodeksine gynamalaryň aýratyn jenaýatçylykly düzgüni bozma hökmünde üýtgeşme girizileni bäri kazyýetleriň gynama boýunça hiç-hili işe seretmändiklerini” belläp geçdi. Hasabatda Adam hukuklary boýunça Geňeşiň türkmen ýolbaşçylaryna tussagdakylaryň gynalmagyny we olara rehimsiz garalmagyny we şular ýaly jenaýatçylykly eden-etmişleri üçin jezalandyrmazlygy aradan aýyrmaklary üçin kabul edilmeli çäreler boýunça birnäçe teklipler beýan edilýär.40

37. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabaty. Türkmenistan boýunça ýygyndy, Mart 2018, 65-nji paragraf.*
38. *BMG-niň Gynamalara garşy komiteti. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Ýanwar 2017.*
39. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Geňeşi. Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabaty boýunça jemleýji bellikler. Aprel 2017. 20 paragraf.*
40. *BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Adam hukuklary boýunça Geňeşe tabşyran hasabaty. Türkmenistan boýunça ýygyndy, Mart 2018, 21-22-nji paragraflar.*